# *Resulberdi Rahmanowyñ goşgulary*

Merjen gyz

Gözel gyzyñ ady Merjen
Altyn kümüş ýakut dür sen
Gadam urup bagta ýörjen
Ätsek señ bilen Merjen gyz

Garañky gijäniñ aýy
Nur saçýan ýyldyzlañ taýy
Berilen bagtyñ serpaýyn
Datsak señ bilen Merjen gyz

Abraýly käriñ eýesi
Bagtly maşgalañ söýesi
Ýykylmaz daglañ gaýasyn
Gätsek señ bilen Merjen gyz

Uzak ýaşy päk göwüne
Saglygyn eçilsin ömre
Bagta ýetip ajap döwre
Atsak gadamy Merjen gyz

Ýazyk ýok

Näme boldy bile bilmedim birden
Sende ýazyk ýokdy mende ýazyk ýok
Ýatypdyryn oýanamsoñ bu irden
Sende bazyk ýokdy mende bazyk ýok

Ne döw çaldy haýsal aldy arada
Kim saldyka ýüregmize ýarada
Oýlanýaryn men şu zatlar barada
Toý bolmansoñ golda tylla ýüzük ýok

Oýlamandym özge ýigdiñ barlygny
Göwnüñ seniñ oña intizarlygny
Mukaddes söýgüniñ beýle harlygny
Getirmändim gursagymda üzük ýok

Söz aýdamda jogap geldi amana
Ýetipdirin ol aýralyk zamana
Menden gowa duşan bolsañ hamana
Resulberdä gaýdyp Ogulnäzik ýok

## Batar gider

Bir günä şu gara başym
Gam laýyna batar gider
Biygtyýar gözde ýaşlam
Damjalanyp akar gider

Taşlap gitse mährem sona
Sygmarsyň ol kapas dona
Ýeteniňden sen üç ona
Bagt belki bakar gider

Toý tutulyp jenan gelip
Gözi gaşy keman gelip
Bir mähriban zenan gelip
Seni bagta atar gider

Çaga durmuşyň bezegi
Bagtdan senem al gezegi
Akdyrmanjyk ezenegi
Birdenkä bagt ýatar gider

Hemişlik ene ataň
Ýanyňda düzetmez hataň
Täzelense bir gün watan
Eneň ataň gatar gider

Gelip ahyrzaman güni
Soldurup şol näzik güli
Göterip çykarlar göni
Oba göçip hatar gider

Resulberdi senem baky
Dälsiň bil çagyrsa saky
Demiň sogrup jeset haky
Alyp ýere satar gider

## Aglar

Ýenede men ine seniñ gaşyñda
Sen meniñ bile däl özgäñ daşynda
Ýakyp meni ýigrim biriñ joşynda
Oduma tutaşjak gyjak tar aglar

Menä seniñ bilen senem kim bilen
Şol soraglar boldy bagrymy dilen
Meniñ bu zaryma gülküsi gelen
Seniñ bu gülkiñe aşyk zar aglar

Hyýalym sen bolduñ gije gündizde
Päk arzuwlar ýagşy niýet gunduzda
Dürli öwşin atyp gelseñ buýnuzda
Aklygyna kemsinip akja gar aglar

Resulberdi bu nalyşly sedadan
Nam galmady namys ardan edadan
Bir dilegim bitmese ol Hudadan
Resul aglar Ogulnäzik ýar aglar

## Baharym

Gapyllykda senden aýra düşüp men
Ýazyk sende däldir mende Baharym

Senden habar alman hut şu güne çen
Çykypdyr janym men tende Baharym

Kömek diýip meniñ gaşyma geldiñ
Ýok diýmedim köñül hoşuma geldiñ
Erkilip men indi huşuma geldim
Düýş deý gaýyp bolduñ sende Baharym

Tel nomerñi berdiñ habar almadym
Ýadymdada bolsañ ýada salmadym
Bu günüm görenim ertä galmady
Men ýazykly kişi gende Baharym

Ýerden ses çykardy senden ne seda
Çykmanlygy üçün eýledim eda
Golumdan giderip bolamsoñ geda
Ýatlaryn armanly günde Baharym

Özümede dözmän zowky sapany
Bermändim men saña ähti wepany
Ahmyr bilen indi jebri japany
Salyp gezdim jana teñde Baharym

Nurana gözleriñ saçyp ýalkymy
Her bakañda gitdi göwnüm galkynyp
Ýañaklaryñ güýz narynyn salkymy
Degipdir naryña gülle Baharym

Pisse dodaklaryñ akdan alkymyñ
Möwç urdurup ylhamymyñ tolkunyn
Gûýzüñ güni gelip günleñ salkyny
Soldurdy hazan ýel gülde Baharym

Iki örüm saçlaryñ atyp gerdene
Geleniñde her gün ylham berdiñä
Daglar tap getirmän kylan derdime
Agzyndan ot saçar heñde Baharym

Entäkler ýaş görüp syrym gizledim
Assa basyp giden ýoluñ yzladym
Bu gün bolsa gyz keşbiñi gözledim
Kör bolup gözlerim tümde Baharym

Giderip men bu bagtymy armanly
Keç pelegim bakdy ýowuz permanly
Yşkyñ jebri bilen derde dermanly
Gelseñ göwnüm galmaz geñde Baharym

Aýdylmadyk sözlem galyp ýürekde
Ýüzüp gitdi hellewlenip kürekde
Indi diýsem saña sen gyz gerekdä
Otly ýöräp siñde gümde Baharym

Her gezek bakyşyñ hoş nazar bilen
Ýatlamada galdy çoh azar bilen
Harydym satylyp boş bazar bilen
Galyp men gowruldym külde Baharym

Äwmek şeýtandandy sabyr Rahmandan
Äwmän seni giderdim men ahmaldan
Indi habar alsañ ýanan ahwaldan
Aşyk biçäreýe bende Baharym

Resulberdi bagtyñ bolsun her zaman
Gülkü şatlyk bilen gezseñ sag aman
Ýeter indi menem jany aýaman
Dilärin bagtyñy güñde Baharym

## Ýatlama

Ýürek bilen söýenim
Duýmadym gyz duýanyñ
Meni ýalñyz goýanym
Ilki mährim alanym
Bolmadyñla gelinim

Bolduñ göwün hoşumda
Perwaz urdym daşyñda
Şygyrlarymy gaşyñda
Okanymda güleniñ
Ýatda bagrym eläniñ

Saña garan nazarym
Berýär indi azary
Yzlap köne güzeri
Ýadymdadyr geleniñ
Şol wagt gadrym bileniñ

Gözelleriñ uzyny
Sòýdûm diýip näzini
Çekenimde yzyny
Öpüp galdym tozuny
Ahyrynda ýalanyñ
Çawrap gitdi ýalynyñ

Özüñ berip permany
Ýüregime armany
Goýup gitdiñ görmäni
Yzda ýalñyz galanyñ
Aýralygy salanym

Resulberdi ýaş eýläp
Ýatlar bagryn daş eýläp
Özgäge nazar aýlap
Saralyplar solanym
Ah biwepa bolanym

## Ýaşarsyñ

Diñle eger görmezlige salaýsam
Barlygyña guman edip ýaşarsyñ
Gardanam ak bir perizat alaýsam
Gar aklygna guman edip ýaşarsyñ

Men gidäýsem senden ýüzüm öwürip
Tapmarsyñ hiç ýer ýüzüni çöwürüp
Ýadygär surata ýüzüñ degirip
Gamly halda ýüzüñ ýaşlap ýaşarsyñ

Ýürekdäki söýgü ody öçende
Yza dolap bilmersiñ bir göçemde
Ýa ýat ýigdi zorluk bilen guçañda
Ýürek ýakyp bagryñ daşlap ýaşarsyñ

Guman etmän bizden sowular döwran
Günäkäru sensiñ ýüzüñ öwüren
Tapdyrmaz baş söýgüñ gözleseñ öwran
Çarp urup çar ýana haşlap ýaşarsyñ

Pikir etme ýazyñ güni geçmez diýp
Ýeri ýokdur özge ýana göçmez diýp
Ýary tapman özge gyzy guçmaz diýp
Her ädimde gözel guçup ýaşaryn

Gyz bilen ol duza gytçylyk ýokdur
Diýen sözlem belki janyña okdur
Ýüzüsi tapdyrar sözlerim hakdyr
Gara gözleriñden uçup ýaşaryn

Resulberdi nazar salsa her kime
Sen galarsyñ şonda bilmen gör kime
Bakmaz agyr hala bakmaz görküñe
Dünýeden däl senden geçip ýaşaryn

## Galynsyn indi

Diýe bilmän galdym ezizim saña
Meniñ ýaş göwnümi alansyñ indi
Birden gidiberdiñ şuwlap şemala
Ýüregimiñ ýaryn talansyñ indi

Ýetişmedik sözlem saña aýtmaga
Bokurdagma düwün boldy göýtmäge
Yza ýol ýok diýsem munda gaýtmaga
Aýdylmadyk sözlem galynsyn indi

Adyñ ýüregime ýazdym nagyşlap
Ýazyñda ýazlaýyp gyşyñda gyşlap
Diñle goşgy düzdim saña bagyşlap
Diýe bilmen bagra ýalynsyñ indi

Sen bir bagtly bendäñ törin bezeýäñ
Şeýde ýüregime hanjar gezeýäñ
Resulberdi gara bagrym elenýär
Gamly göwün haçan galynsyn indi

## Täze ýylyñ şanyna

Täze ýylñyz gutly bolsun adamlar
Geliñ geçiñ toý saçagnyñ başyna
Täze ýylda batly bolup gadamlar
Jan saglykda ýaş goşulup ýaşyna

Saçaklarmyz naz nygmatdan bol bolsun
Uzadyñlar bir birege gol bolsun
Çar taraba uzan ol ak ýol bolsun
Gujur gaýrat berip gapak döşüne

Ýigitlermiz gözellerne taýlansyn
Toýa diýip il halkymyz şaýlansyn
Dutar gyjak sesi älem aýlansyn
Il halkymyz üýşip bagşyñ daşyna

Agzybirlik Parahatlyk mekany
Il halkymyñ dogrulukda bekäni
Dostluga çagyryp munda ýekäni
Dogan deý ýaşamak geler hoşuna

Arkadagyñ başy dik bolup aman
Berip dursa bolar şeýle hoş zaman
Bizem goşandymyz goşsak ýadaman
Zähmetimiz bilen halal aşyna

Bagyşla ezizim bagyşla meni

Nähekden göwnüñe degenim üçin
Bagyşla ezizim bagyşla meni
Dyza çökip başyñ egeniñ üçin
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Söýgüñe ynanman horlanym üçin
Sözüñ alman ahyr harlanym üçin
Men diýipler aşa zarlanyñ üçin
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Bilbil owazyñy eşitmänim üçin
Ýürekdäki doñuñ çöşmänim üçin
Señ agyr halyña düşmänim üçin
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Ömürlik señ bilen galmanym üçin
Jahyllyk ýelinde galganym üçin
Güm bol diýip golumy salganym üçin
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Keşbimi ýürekde çekeniñ üçin
Söýgüniñ tohumun ekeniñ üçin
Bagt ýolundan yza sekenim üçin
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Iki gözlerimi gapanyñ üçin

Şonda – da bagtymy tapanym üçin

Resulberdi senden ötenim ün

Senem bagyşla ýar bagyşla meni

## Öňe gideliň

Täze ýylda täze gadamlar bilen
Hoş hyýallar bilen öňe gideliň
Päk niýet päk arzuw adamlar bilen
Päklik ýoly bilen diňe gideliň

Gytçylyk az bolsun bolçuluk gelip
Gaýgy gam ýat bolsun ýüzlermiz gülip
Bagtyýar zamanaň gadryny bilip
Ähli kynçylygy ýeňip gideliň

Ýurdumuz abadan ilimiz aman
Bolsa ýeter bize şeýle hoş zaman
Zähmetimiz bilen güýji aýaman
Ähli ýurtlar bilen deňe gideliň

Arkadaga ömür diläp Taňrydan
Däbe siňip geldi bize aňrydan
Goşgym sowgat galsyn Resulberdiden
Gutlag üçin ata enä gideliň

## Seniň adyňdan

Bu goşgymy ejem saňa bagyşlap
Ýazýan setirlermi göwün şadymdan
Seni kagyza däl kalba nagyşlap
Başlanýar her günüm seniň adyňdan

Salyp säher saba ak ýola ejem
Alkyşlaýyp meni sag bola ejem
Gidemde garaýyp sag sola ejem
Ýollarym ak bolýar basan badyňdan

Perişde sypatlym meñzäp päk huwa
Müşki anbar ysdan doldurýañ howam
Şähdime şäh goşup barsam okuwa
Şöhratlanyp gaýdýan señ şöhratyñdan

Güler ýüzlim şirin sözlim käbäm sen
Alkyşym sen arzuwym sen tobam sen
Kötel ýoldan dolanara obam sen
Pikir etme çykarar diýp ýadymdan

Barlygmyñ güwäsi ömrüñ manysy
Aby zemzen bulagymyñ hanasy
Jebraýyl perişdäñ subutnamasy
Çykan jan girmänmi señ perýadyñdan

Bagt çaragym ýüz gözümde nurum sen
Söýgü muhabbetim mähir gorum sen
Ýagşy ýörelgäm sen ýagşy ýorum sen
Sen deý ynsan dogmaz indi adamdan

Resulberdi senden aýra düşmesin
Ýollarmyz ters düşüp gaýra düşmesin
Allam gora ýesirlikden bişmesin
Ýogsa daglar küle dòner odumdan

## Dogana ber

Baýlygyñ bolsa eliñde
Ýadyña däl dogana ber
Bolanda seniñ deñiñde
Bagty señ bilen oñana ber

Ömür saña ýeke gezek
Berilýändigni bilseñ gerek
Eneñi ynjytma derek
Şatlygyñy dograna ber

Läläñ ilden gabanmagyn
Sözü dilden gabanmagyn
Güli gülden gabanmagyn
Çemen gülüñ bogana ber

Her zatda çäk bolsa gowy
Ýatladaýyn berip towy
Öñü däl-de haýyr soñy
Yşkyñ yşky çogana ber

Ýalan dünýäniñ hasabyn
Añla eşretin azabyn
Tutdurmanka ol gazabyn
Päliñ dileg dogaña ber

Şükür haýwan däl señ adyñ
Dostlañdan düz brigadyñ
Resulberdi aýdan zakatyñ
Bagt dogasyn okana ber

## Ezizim seni

Diñle meni armanymy goýmada
Söýýäñ meni diýe bilmen söýmede
Seniñ gül keşbiñi salyp gaýmada
Unudup bilmerin ezizim seni

Nätjek arman biziñ ýolumyz aýry
Janym tenim señki örteme gaýry
Men bir ejiz ene atamyz baýry
Bermeseler nätjek ezizim meni

Seniñ bilen hoş geçsede sagadym
Garşy ykbalymy özgä bagladym
Haýyş diýme päk söýgüni harladyñ
Horlasym gelenok ezizim seni

Bak gözlere näme görýäñ sen munda
Diýenimde eger meni unuda
Tenim ýere siñip ruhum buluda
Gök ýüzünde görýän ezizim seni

Sensizlikde kyn geçsede durmuşam
Geçerin men bu ýollardan dyrmyşa
Diýip sensizlige gadam urmuşam
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Mundan zyýat diýmen namys arym bar
Ýeke - täk ýürege ornan zarym bar
Hoş gal enem atam berjek ýary bar
Bagyşla ezizim bagyşla meni

Diýip munda aşyklarmyz köýmesin

Aýralygyñ hasratyny duýmasyn

Resulberdi özge ýary söýmesin

Başarman ezizim bagyşla meni

## Halal bolsun

Her günki tutan işimiz
Haram däl-de halal bolsun
Şeýtanly bolman pişämiz
Medetkär Züljelal bolsun

Maksat tutun soñy haýyr
Haramlykdan ryzkyñ aýyr
Ýollaryña basman çaýyr
Ak ýol saña melul bolsun

Gözellerden ýar tutañda
Bak gòzlerne utanmada
Bakman her tüýsli sen moda

Bak didesi helal bolsun

Ýary söýüp atañ eneñ
Çetde goýma daýy ýeññeñ
Loly diýmesinler senem
Ýüz däl kalbyñ jemal bolsun

Resulberdi Alla gahar
Etseñ gyşa döner bahar
Şükür etgin her şam säher
Babañ Hezret Bilal bolsun

## Dert galandyr

Agalar ýaryñ elinden
Ýüregimde dert galandyr
Her gezek bagrym dilende
Ömrüm ýetmän kert galandyr

Yşkyñ ýüki agyr eken
Gerdeniñe maýyr eken
Mert saýylar muny çeken
Namart ýitip mert galandyr

Bendi ederde özüne
Bakarda gara gözüñe
Ynanman ýalan sözüñe
Diýip gitse şert galandyr

Diýdim ýoluñ açyk indi
Söýülmedik bolsam şindi
Resulberdiñ ýaşy diñdi
Diýen sözüm pert galandyr

## Owadan gelin

Günde görýän seni başyñ ýalykly
Beýhuş edýäñ baksam owadan gelin
Bilmedim men haýsymyzdyk ýazykly
Kim kimiñ bagryny suw eden gelin

Seni aýyplaman hiç bir etmişde
Bar günä mendedir öten geçmişde
Özüm bagyşlaman altmyş ýetmişde
Ýere girip siñsem howada gelin

Yşkym alawlaýar durman çeninde
Müşk ysy bark urup geçsem deñinden
Armanly men dişläp durup ýeñimden
Ýürek howrum görsem sowadan gelin

Ýanyñndaka kimiñ gadry bolupdyr
Giderensoñ güler ýüzler solupdyr
Şirin janym çykyp läşim galypdyr
Şat eýlegin ruhum dogada gelin

Resulberdi kim señ ýoluñ baglady
Aýtsañ bolmadymy diliñ lalmydy
Özüm aklamaga sözüm galmady
Senä aksyñ hatda guwadan gelin

## Ýat bolup galdy

Seni söýýän söýýän diýen gözellem
Gitdi durmuşymdan ýat bolup galdy
Saza goşup nagma joşyp düzenlem
Ýüregimi ýakan ot bolup galdy

Biri gyşym boldy birisi ýazym
Biri aýdym boldy birisi sazym

Hersine taýlanyp çykan owazym
Indi zaryn çykan dat bolup galdy

Aýlarym Aýgülim Aýnam Näzigim
Egerde bar bolsa ötüñ ýazygym
Nesip etmän galan nika ýüzügim
Baharyñ goýnunda mat bolup galdy

Resulberdi janym sizlere gurban
Miýesser etmedi söhbet guruban
Oturup ýatlamak başyn uruban
Indi bir ýol günäm öt bolup galdy

## Dünýede

Ýalançy dünýäde ýalanlañ sany
Geçýär diýp çeninden ideýän hany
Diýýän aýdýan gury sözlem bimany
Bolup galýar diñlenmänjik dünýede

Bu dünýe teatr bizem aktýor
Berilen rollary oýnaýarys hor
Kimkä produssor kimkä režisýor
Bile bilmän geñirgenýäñ dünýede

Öñüñde sahna dur perde çekilen
Açylanda gezegine çykalan
Roly elden alnyp ýolda ýykylan
Başga birne miýýesserdir dünýede

Synlarsyñ gülersiñ gözüñ oýnadyp
Masgarabaz deýin özüñ aýnadyp
Diýmeli sözlerñi bogaz gaýnadyp
Diýeniñe degmez bäş gün dünýede

Ilki ýeñilersiñ netije bolman
Ýòne ösüş bardyr şol tempda galman

Gitseñ öñe ýeñiş seniñki hökman
Bolanynda peýda barmy dünýede

Ýoluñ açyk meñ ýerimi alana
Diýesim gelýändir gutly bolana
Siñdirilen yhlas munuñ ýalaga
Siñdirilmän galsa gowdur dünýede

Bir gezek däl aldananym sizlerden
Aşa geçdi üstün örtüp gizlärden
Resulberdi siz deý görene gözlerden
Halys bez bolandyr indi dünýede

## Yşkynda

Ýarym mežnun bolup seniñ ugruñda
Çölleri söküpdim seniñ yşkyñda
Men muny gizlemän gelip dogrymdan
Huzuruñda aýdar boldum köşgüñde

Besdir jebri jepam ýetendir indi
Sabyrym takatym ýitendir indi
Görmesem kürteli ketende indi
Küle öwrüler men zyýat ýakşyñda

Gyzyl alma naryñ bişipdir bir çak
Tänip sapagyndan düşüpdir bir çak
Sen sözlemden gaty görmegin nähak
Gül ysyñ bark urar anbar müşkiñde

Resulberdi aşygyñ señ jahanda
Seniñ adyñ gaýtalap men dahanda
Duşuşukda gözlem saña bakanda
Ýürek joşa geler gòz gaş kakşyñda

## Allahym bar

Nalamok men durmuşumdan
Enem atam Allahym bar
Togap edýän ýaşaýşymda
Olañ berýän penahy bar

Şükür mähirli ojaga
Ýalkymyn saçýan gujaga
Nazi nygmatly saçaga
Togap etjek senahym bar

Jan saglykdan uly baýlyk
Barmydyr heýde halaýyk
Agzybirlik göwne jaýlyk
Guran baky binahym bar

Resulberdi ajap döwrüme
Minnetdar berlen ömrüme
Seniñ beýik geçirimñe
Sygynýanja günähim bar

## Ýetim

Heniz bu dünýäni bilmeýän çaga
Öweýe galmasyn ýetimliginden
Eje kaka diýp gòzün ýaş edip
Nalalar çekmesin ötenliginden

Ene atañdan özge sen kime gerek
Şolardyr ugruñda boljak jan serek
Iller oýnanynda aýdyr gün terek
Sen çetde ýyglarsyñ ýesirligiñden

Ýadarsyñ minnetli ýaşaýanyña
Çydamarsyñ urşuñ başlanýanyna

Bakmaz hiç kes gözüñ ýaşlaýanyña
Çykma ýok òweýiñ kesirliginden

Tutulýandyr öýde adyñ ýerçeken
Kime ýetirersiñ dadyñ ýerçeken
Beýle ýaşanyñdan ölüm ýagşeken
Diýp doýarsyñ durmuş ýeserliginden

Emma hemme zady görýän Allahym
Haçan eçilerkä maña penahyn
Haçan tükenerkä bu çeken ahym
Gutarnykly durmuş eserliginden

Okuwçylar size ak ýol garaşýar

25-nji maý gelip ýetdi bu gün
Mugallymlar bize ak ýol garaşýar
Ýüzlermizde şatlyk ellermizde gül
Mugallymlar bizeak ýol garaşýar

Ilki bir birege ýat bolup gezdik
Tanyşdyk oýnaşdyk şat bolup gezdik
Dürli kliçkaly at bolup gezdik
Indi herimize ak ýol garaşýar

Okadyk öwrendik kemala geldik
Terbiýe tertibe salama geldik
Gözel görke gül deý jemala geldik
Hoşlaşykly bize ak ýol garaşýar

Mugallymlar sizden müñ kerem razy
Öwredip köpini goýduñyz azy
Çagalygmyz geçdi on ýediñ ýazy
Biziñ barymyza ak ýol garaşýar

# Ýaşa

Darykma dünýede darykma gòwnüm
Dünýe giñdir senem giñ bolup ýaşa
Heniz öñde meniñ şatlykly döwrüm
Asyrlara uzap diñ bolup ýaşa

Dileg dilemegin baýdan gedaýdan
Haýyş etme diýip şuny edäýdä
Diñe dile ol keremli Hudaýdan
Käşä mätäç bolman men bolup ýaşa

Hereket et dilegleriñ duşara
Sulh aljagñy tapgyn dile düşere
Dost gazangyn aram – aram üýşere
Dilden dile geçip heñ bolup ýaşa

Gazanjyñy dişle hereket bilen
Harama ýanaşma bereket bilen
Başyñ goşma asla peläket bilen
Diýen sözlem baky ýañ bolup ýaşa

Dostlaryñ bar bolsa duşmanyñ bile
Başyñy goşmagyn puşmanyñ bile
Sypaýçylyk edip urşmanyñ bilen
Gaçanyñ ýagşy bil añ bolup ýaşa

Resulberdi kim sen akyl berere

Akyly özüñ al gaýta derege

Danany diñlegin ýagşy ýörere

Dünýä artyk bolman kem bolup ýaşa

## Bolmasyn

Garyp bolup dogulsañda
Doga birysgal bolmasyn
Il içinde gezseñ sanda
Ömrüñ bir mysgal bolmasyn

Ýaman işe ulaşmagyn
Düzüw işde bulaşmagyn
Hetdiñ bil çenden aşmagyn
Boý uzyn gysga bolmagyn

Ýanaşsañ ýaman hatyna
Müner sen gahar atyna
Gyrmyz gül solup badyna
Bir gezek ysgar bolmasyn

Baý bolañda garyp görgün
Saglygyñda şa deý ýörgün
Köp bolmasa gören görgüñ
Az zady dile almagyn

Resulberdi garyş ile
Ýaman bolup düşme dile
Göwnüñe getirip hile
Ulaşyp batga galmagyn

# Balkanym

Dogduk depäm Aşgabadym bolsada
Gaýbana aşyk men saña Balkanym
Aşgabadym göwün şadym bolsada
Gaýbana aşyk men saña Balkanym

Başym gurban Çendir - Hazar daglarña
Bahar gelse gül öwüsýän çaglarña
Gurban bolsam pisselerñe narlarña
Goýnuñda orun ber maña Balkanym

Bal akan Balkanmyñ hoştap howasy
Sorsañ geler ýanan ýürek sowasy
4 Çaryýar Şiblam babam dogasy
Miýesser edendir saña Balkanym

Gara altyn mawy altyn ak altyn
Ýok diýýärler bu baýlyga çäk altyn
Gaýtadan işlenip bolup päk altyn
Çykarylýar taý ýok oña Balkanym

Hazar deñziñ öwşin atar tolkuny
Imrindirip myhmansöýer halkyñy
Ikinji jenneti mekan Balkanym
Sen gojaman hemde dana Balkanym

Azadynyñ mekan tutan Watany
Pyragynyñ bagt dañynyñ atany
Zeliliniñ togap edip öteni
Meni hem goşsadyñ sana Balkanym

ÝUNESKA giren küşdepdisine
Sesimizi goşsak gazal sesine
Diýip bütin dünýä oñ höwesine
Girýändir señ bilen hana Balkanym

Molla Çäkli Nurberdi Gul ussady
Unutma Rejepguly Röwşeniñ adyn
Umyt Hojageldi Täşli Aly badyn
Gowşutman giderler öñe Balkanym

Resulberdi joşsa şanyña gazal
Sazanda Taganyñ çalyşy gözel
Hojanyñ Kerimiñ buýsanjy ozal
Saña dälmi eýsem diñe Balkanym

## Unutma.

Ýatlap bir gün suratyma bakarsyñ
Emma meni tapmajagñy unutma
Giden ýollaryñdan yza sökersiñ
Ýatlamañy ýapmajagñy unutma

Şonda meni nirelerden yzlarsyñ
Diýen sözlem geler meni gözlärsiñ
Içiñ çekip ahmyr bilen sözlärsiñ
Ýüregimiñ gopmajagny unutma

Soraý soraý tapyp gelseñ ýanyma
Bil maña däl duşarsyñ sen hanyma
Bizi görüp degjegini janyña
Al ýañakdan öpmejegmi unutma

Zyýat sözlemerin nesipden baýry
Edeniñ soñ biziñ ýollary aýry
Aýrylan birleşmez ýat bekle gaýry
Gözlem saña bakmajagny unutma

Resulberdi besdir geçirdiñ çenden
Tamama gelendir geçerin senden
Senem umydyñy üzäýgin menden
Gaýdyp jany ýakmajagmy unutma

## Sözüm meniñ

Aýtjaklarym bardyr saña
Diñläýsene sòzüm meniñ
Ýürek hyrydardyr saña
Òzgä bakmaz gözüm meniñ

Asmanymda Aýym sensiñ
Zeminimde taýym sensiñ
Ykbalyma paýym sensiñ
Özgä düşmez ýüzüm meniñ

Saçlaryñy atsañ egne
Oýnar ýel çalaja degme
Öwşün atyşynyñ degne
Ýetmän aşyk özüm meniñ

Boýuñ bäs eder çynara
Ýañaklaryñ alma nara
Dişleriñ misli dürdäne
Ýylgyranda ýazym meniñ

Bag içine girseñ gülüm
Güllerinden tirseñ gülüm
Haýsysy gül diýer dilim
Joşup aýdym sazym meniñ

Ýüregimden adyñ seniñ
Çykarmaz hiç ýadym meniñ
Resulberdi odum meniñ
Gelde öçür özüñ seniñ

## Bagtym bolup gel

Bir gezek ömürde bir gezek yşkym
Salgym bolup gitme bagtym bolup gel
Guwanjym buýsanjym şatlykly bakşym

Tümlikden çykarjak ýagtym bolup gel

Ýassykdaş tapylar ýürekdeşim bol
Syrym ynanmaga sen syrdaşym bol
Bu nurly ojagma nurum bolup dol
Yşkyñ şalygynda tagtym bolup gel

Aç maña goýnuñy dolarym ýaly
Müşk ysyñ her demde alarym ýaly
Gül goýnuñda bagtly bolarym ýaly
Garran çagym ýaşlyk çagtym bolup gel

Gitme uzaklara gözlemäýin men
Ýitme gözlerimden yzlamaýyn men
Resulberdi zyýat sözlemäýin men
Parhyn etmen ata magtym bolup gel

## Atsyz goşgy

Läläm seni uçurdum men
Göz bilen gaşdan arasy
Gollarymdan gaçyrdym men
Göz bilen gaşdan arasy

Tanyşypdyk gözel ýerde
Ulaşmanjyk hiç bir derde
Beýle pikir bolman serde
Görmändik oña çäresin

Mähriñden doýa bilmedim
Utanyp diýe bilmedim
Özgäni söýe bilmedim
Ýûregimde dur ýarasy

Sag sagynýança mûñ däli
Durmuş gurarmyşyn häli
Sen hem görmän bu ahwaly

Özgäge berdiñ karary

Şeýdip gözlerimden ýarym
Dideleñ bakan nazaryn
Alyp gitdiñle bazaryñ
Süzüp gözümiñ garasyn

Resulberdi gamly başyñ
Kim göterer göwün hoşuñ
Ýüregimde çykan joşuñ
Kim çeker ajy yzasyn

## Garaşdym

Umman deý gözlerñi söýdüm ezizim
Gark bolanmy şonda duýduñ ezizim
Näme bolýar saña diýdiñ ezizim
Menem senden geljek mähre garaşdym

Maýyl bolup hoş owazly gülkiñe
Ýetsem diýýän seniñ könül mülkiñe
Diýen sözlerimden etmegin kine
Goýny jennet mekan şähre garaşdym

Taryp eýläp saçyñ her bir taryny
Gol uzadyp isledigim ýaryny
Gursagyma dolan yşkyñ baryny
Berip Tahyr kimin Zöhrä garaşdym

Garaşdym umudum öçmesin diýip
Ýarym uzak ýola göçmesin diýip
Resulberdi özge guçmasyn diýip
Ýarym gülüp bakjak bähre garaşdym

## Ogrynça

Söýseň ýary dymyp oňa aýtmasaň
Çykyp gider ýada senden ogrynça
Ýada özge birin söýer öýtmeseň
Näme dymdyň diýer menden ogrynça

Hatdan däl gözleňden duýsun söýgüňi
Mähiriňi yhlasyňy duýgyňy
Ýüregiňde beslän ajap uýgyňy
Kalbyňdan çykarma heňden ogrynça

Ýüregiňe uryp söýýän diýýänçäň
Seň ugrunda ýanýan köýýän diýýänçäň
Hereket et ýar seň söýgüň duýýança
Yşkdan öte geçme tenden ogrynça

Gabanmagyn peýdasy ýok bilseňiz
Özge bilen eger göze ilseňiz
Yza bitmez ýürek bagry dilseňiz
Göz ynanman durar geňden ogrynça

Resulberdi ýarsyz ömür ötüp dur
Günler geçip aýlar ýyllar ýetip dur
Bu ýaşlygmyz gözümizden ýitip dur
Arman çekýän geçmän teňden ogrynça

## Gözel kyldyň

Şükür edýän Allahymyň edenne
Her ne edeniňi sen gözel kyldyň
Arman çekmen munda her bir ýetenme
Ýetemimi ýetmezden ozal kyldyň

Az beribä köp almadyň elimden
Büdretmediň bela diýen dilimden

Soldurmadyñ ter açylan gülümden
Gül içinde bilbili gazal kyldyñ

Ýigit çykdym duşdum gaşy kemana
Gyýma gaş kirpikden geldim amana
Neşterini sanjypmyşyn hamana
Al ýañaga zire - zire hal kyldyñ

Resulberdi bize döwletli döwran
Ahyr dolanypdyr ol öwran öwran
Bagtyñ guşyn göz gaş arada görmän
Gapyl goýup bizi ne amal kyldyñ

## Gullukdan soñky pursat

Goşun gullugyndan geldim sag aman
Sadaka berdiler altyn tabakda
Mende şatlyk duýulýardy şol zaman
Läläm gaşyn çykdy badam gabakda

Aglady sylmady gözüniň ýaşyn
Maňa bakyp etdi ahmyr nalyşyn
Köşeşdirjek bolup sypadym başyn
Soňam öpjek boldum bally dodakdan

Bolmaz oglan diýip sowup ýüzüni
Men özgäñki diýip bölüp sözümi
Diýsem neneň özgä dözdüň özüňi
Diýdi zor çykdy ol güýjüm babatda

Diýip çykyp gitdi ýüzüni bukup
Gözüm ýaşa doldy süññümi söküp
Yzdan garap galyp bilimi büküp
Saç çalaryp gojaldym şol sagatda

## Oýlanma

Käteler oýlanýan näme ýetmeýär
Soñra diýýän nämäñ artyk illerden
Ýalñyzlykdyr gabanmaklygyñ derdi
Aýdyñ hany şolar näme etmeýär

Söýýärin men enaýy görküñ ün
Gabanýaryn sebäp seni söýýärin
Belki bu etmişim ýalñyşdyr meniñ
Ýalñyş bolsa bagyşla ýar diýýärin

Sensiz belki hasrat bolmaz dünýäde
Emma sensiz eşretem ýok dünýäniñ
Ne ölmeli ne galmaly men munda
Bakyşlañdan aglaýaryn gülýärin

Sen geljegim arym namysym meniñ
Gelejekgi balalarmyñ ejesi
Diýen sòzlerimden kine etme meniñ
Bagt paýyma düşen bagtyñ bijesi

## Gulluga barýan

Watan goramaklyk her kişiñ parzy
Parzym bitirmäge gulluga barýan
Enem atam siz hem etmäñler arzy
Watan goramaga gulluga barýan

Owal tugumuza edip togabym
Öwezne islemen haýyr sogabyn
Ak ýol arzuwlana budur jogabym
Saglykda görşeliñ gulluga barýan

Enem atam sizden müñ esse razy
Berdiñiz köpüni goýduñyz azy

Dutarym goýmaýyn uzadyñ sazym
Eliñizden öpüp gulluga barýan

Resulberdi Allam saña ýar bolsun
Ýollaryñ ak gadamlaryñ zor bolsun
Ýeñişleriñ ýeñilene ar bolsun
Durmuş sapagyna gulluga barýan

## Balkan gözeli

Şanyña bir gazal bagyşlap size
Ýazdym şu goşgyny balkan gözeli
Gülüp bir enaýy garadyñ bize
Nazaryñ jadymy balkan gözeli

Geýipsiñ egniñe gyrmyzy donuñ
Öwşün atyşyny görüñdä onuñ
Göýä atyşy deý şapagy dañyñ
Çalymdaş ýañagyñ balkan gözeli

Gep sözi jaý bolar artyk sözlemez
Utanjyrap sagy solun gözlemez
Päk ýürekli syryn bizden gizlemez
Güler ýüz bugdaý reñk balkan gözeli.

Reaulberdi güler ýüzli gözeli
Wasp edip döretsem aýdym gazaly
Şeýle gyzlar diýip ülkäñ bezegi
Size görkezerdim balkan gözeli

## Dag ýatyr

Aramyz şeýle bir ýakynam weli
Aramyzda depe ýatyr dag ýatyr
Seni tutup duran özgäniñ eli
Bagta böwet bolan gapyl çag ýatyr

Ençe ýyllar söýdim nepi degmedi
Söýgüniñ öñünde başyn egmedi
Birje günlik bagtly günüm dogmady
Ýüregimi ýakan yşky çog ýatyr

Aýda seni kem söýdümmi illerden
Wasp edemde kem gaýtdymmy dillerden
Bilbil saýramandy özge güllerde
Bilbil uçup güli solan bag ýatyr

Sen gitdiñ diñmedi gözümiñ ýaşy
Sulhumyñ alany göwnümiñ hoşy
Gyz keşbiñi gözläp ýüregmiñ joşy
Tapmadygym munda soly sag ýatyr

Sen diýip kän başy gamly yradym
Sen maña çet bolduñ menem gyradym
Resul Allam berse indi myradym
Ömre ömür goşjak ýürek ýag ýatyr

## Ezizim

Duýýan bolsañ bir ýerlerde barlygmy
Wagt boldy geläý indi ezizim
Duýýan bolsañ sensiz dünýäñ darlygny
Wagt boldy geläý indi ezizim

Göwräm munde serim bolsa sen hakda
Owaz çykýar diñle gülüm gursakda
Çekinibräk munda aýry dursakda
Ara daş bolmasyn şindi ezizim

Gòzleýärin gûlüp bakan gül ýüzüñ
Diýip al ýañaga baksyn bu gözüm
Bakyp didelere aýtsam şu sözüm
Wagt boldy geläý indi ezizim

Duýmadyñmy gursakdaky söýgümi
Duýmadyñmy saña bolan duýgymy
Ähli ýürekdäki ünji gaýgymy
Dep etmäge gäläý indi ezizim

Ölçerme sen ýürekdäki odumy
Ýakar yşk sen eşitmeseñ dadymy
Resulberdi seniñ mährem adyñy
Dilden goýmaz biläý indi ezizim

## Gorkakdan gorkuñ

Mert ýigitler ürkýän däldir hiç zatdan
Bir haýyşdym sizden gorkakdan gorkuñ
Howp ýok ýerinde gaçarlar batdan
Bir haýyşdym sizden gorkakdan gorkuñ

Käsi gorkup kölegeli yzyndan
Laýa batar gider çümüp dyzyndan
Howp abansa ogly bilen gyzyndan
Geçip biljek munda gorkakdan gorkuñ

Olañ ne namysy ne-de bir ary
Bolman çekdirerler size köp zary
Şonda-da özüne etmän azary
Öz janyny söýen gorkakdan gorkuñ

Olañ ne watany nede bir ili
Bolman ähli ýere uzaýar eli
Diñe bir elin däl hatda ol dilin
Uzadýan her ýana gorkakdan gorkuñ

Resulberdi bol iliñe medetkär
Ýamanlyga böwet ýagşa sebäpkär
Senden soñkulara ajap mirasgãr
Galdyrmajak bolýan gorkakdan gorkuñ

## Galmady

Barymy ýitirdim munda agalar
Köpüm gitdi diýsem azym galmady
Bu aýralyk ýüregime dag salar
Gyşym ýetip geldi ýazym galmady

Pozulup mejlisim meýdan içinde
Geçmedi bu ömrüm heýjan içinde
Umga deý awlanyp jeýran içinde
Galkdy ganat salyp gazym galmady

Bir gözeli söýdüm ömre ýeterlik
Edebi ekramy taryp ederlik
Näme günäm bardy taşlap giderlik
Özge bilen oýun bazym galmady

Resulberdi ömrüñ ençä nusgalyk
Bolup ýazylmasyn pursat gysgalyk
Döşi zülpi tardan aýyran Halyk
Goldan tarym gaçdy sazym galmady

## Geçen günlem

Şatlykly ýa gamly wagtym
Ýatlaýaryn geçen günlem
Aglan ýada gülen çagtym
Ýatlaýaryn geçen günlem

Dikip alysa gözlerim
Tapsam ýitiren gözlegim
Şükürli çykyp sözlerim
Ýatlaýaryn geçen günlem

Öñe gidp ätmän yza
Söz aýdamda gözel gyza

Diýip ýürek derdim syza
Ýatlaýaryn geçen günlem

Söýüp ýürekden söýülsem
Arman çeksem ýa köýülsem
Şeýde Resul joş diýilse
Ýatlaýaryn geçen günlem

## Azanyñ sesi

Şeýle şirin gulagyma ýakyp dur
Hoş owazly çykar azanyñ sesi
Alnym Käbä ýüzüm kybla bakyp dur
Hoş owazly çykar azanyñ sesi

Allahu Ekberi aýdyp başlanar
Kalbyñ nura dolar göwnüñ hoşlanar
Allanyñ yşkyndan gözüñ ýaşlanar
Hoş owazly çykar azanyñ sesi

Hezreti Muhammet babam Belaldan
Gelip ýetdi bu borç gorar beladan
Başyñ penalydyr daşyň galadan
Hoş owazly çykar azanyñ sesi

Göwnün etmän bakylykdan jahandan
Sözlerin gaýnadyp çykar dahandan
Erkege buýrular kese bakandan
Hoş owazly aýtmak azanyñ sesin

Lä ilä hä illä lä hu Muhammed
Bize medet bergin pirim Hoja Ahmet
Ymama buýrulup başyny çekmek
Hoş owazly aýdyp azanyñ sesi

# Ýer bilen

Munda kynçylyk kän çekmegi başar
Aglamagyn eli urup ýer bilen
Karz däl öz tohmuñ ekmegi başar
Ryzkyñy tapmarsyñ ençe ber bilen

Içiñ öçli gözleriñ aç bolmasyn
Çalt ýetýän yzyñdan bar gaç bolmasyn
Ömür çägiñ ýeke argaç bolmasyn
Bäş gün ýalançyda gezseñ der bilen

Saklama öýkäni çykar içiñden
Üfleginiñ bişmez ýaly içeñde
Paýyñ ýazylmasa ryzkyñ içinde
Garyp düşersiñ sen ençe zer bilen

Gara töwerege gara ýaşyña
Bilip bolmaz ne iş geler başyña
Şeýde geçmeginiñ palçyñ daşyna
Şükür eýle boljak işe ger bilen

Ilki özüñ başlamagyn söweşe
Diýipdirler pil deñ gelmändir peşä
Namysyñy aldyrmagyn hiç kişä
Abraý saklagynyñ belent ser bilen

Bu günki işiñi ertä goýmagyn
Garaşgynyñ galñaýança gaýmagyñ
Mydam düýnki zatlañ bilen doýmagyn
Ömrüñi ötürjek bolma ter bilen

Seret ýapynmaga barmy ýapynjañ
Oýlangynyñ halalmydyr tapynjañ
Derä melul bolma ýygna sapançañ
Ýyrtylmasa oñgun bir geýer bilen

Resulberdi at myratdyr ýigide
Ýekelikde aga gerek jigide
Soňam olaň baryn satyp çigide
Bir pellä ýetmersiň boş eýer bilen

## Baýlyk

Bagtly men baý men beg men jahanda
Egnimde başym bar gursakda janym
Şükür kör däl gözellige bakamda
Göre bilýänligme ýokdur armanym

Sözlemäge dilim iýmäge dişim
Gol ýetirip uzatmaga elim bar
Ara daş bolsada çözýän bu işim
Dogry basýan aýagym bar ýolum bar

Ýadap gelsem dolanmaga ojagym
Bardyr bikärlikde gezmezim ýaly
Ene ataň mähir berýän gujagy
Ýar maňa göz ýaşa ezmezim ýaly

Şükür okuwum bar şükür işim bar
Halallykdan doly söýgüden doly
Ýeke zat ýetenok munda diýşim bar
Resuluň durmuşyn doldyrar ýaly
Ajap bir gözelde onuň hyýaly

## Gelen ýagşy

Binesip bolman ömürden
Bu dünýäge gelen ýagşy
Buýruk bolsa Hak emirden
Aglamaýyn gülen ýagşy

Durmuş depderin arassa
Ýazmagyňy başar assa
Allam adam diýp ýaratsa
Ada eýe bolan ýagşy

Iki eginde perişde bar
Sogap günäñ gerişde bar
Halal haram görişde bar
Tapawudyn bilen ýagşy

Sözleme ýalan köstüñi
Pula gömdürme üstüñi
Gargyşa gaplap astyñy
Ondan garyp galan ýagşy

Alla berse öz guluna
Mugt bor satmaz puluna
Pullynyñ düşme külüne
Minnetden öň ölen ýagşy

Ýol ýok diýseñ dogry bolsañ
Bilinjekdir ogry bolsañ
Gör düzeder egri bolsañ
Söze gulak salan ýagşy

Dogry sözläp bilseñ eger
Saña hökman nepi deger
Resulberdi diýse meger
Nesihatyn alan ýagşy

## Kaýda galdy

Ol günlermiz ýatlamada
Küle döndi otlamada
Şaman otdan ätlemede
Bak söýenleñ kaýda galdy

Çagalykdan sulhum alyp
Nazaryny maña salyp
Ahyrynda ýeke galyp
Gyz hoşlaşyk aýda galdy

Üç ýyl mežnun deý ýördügim
Sende bagtymy gördügim
Gara saçlaryn ördügim
Iñ soñky jañ maýda galdy

Ilki dostlugmyzdan nyşan
Boluberdi hal perişan
Ýetişmedi molla işan
Söýgüm akyp çaýda galdy

Al ýañakly alma narla
Ak gülşenli bakja barla
Özge çykyp hyrydarla
Ýat gujak ýat jaýda galdy

Resulberdi derdiñ aýan
Bolup ile dolduñ peýan
Iller diýdi indi daýan
Daýanmaga maýda galdy

## Adamlar

Ilki ynamy döredip
Soñam ýykmalyñ adamlar
Ynamly ýoldan ýöredip
Gaýra bakmalyñ adamlar

Her işiñ öz manysy bar
Her bägülüñ öz ysy bar
Eden etmişiñ yzy bar
Ýürek ýakmalyñ adamlar

Bir işi etmezden ozal
Maksada ýetmezden ozal
Oýlanmagyñ ilki gözel
Paly atmalyñ adamlar

Närza edip bir bendäni
Ýola salmalyñ gendäni
Nähakdan atyp kündäni
Bagta ýetmäliñ adamlar

Duşap bilmeseñ nebisi
Etseñ her zada höwesi
Öñde goýarlar böwedi
Jany satmalyñ adamlar

Ýara salsañ gursagyna
Galarmy ol tirsegine
Oýlanyñ şul hakda ine
Ýaka tutmalyñ adamlar

Günbe günden ýaşarýar diýp
Syryn bizden ýaşyrýar diýp
Geçirmagi başarýar diýp
Depä çykmalyñ adamlar

Eliñdäki güýjüñ barka
Depäñdäki täjiñ barka
Hak Howandar size ýarka
Ýoldan çykmalyñ adamlar

Güýjüñ ulan haýyr deýin
Ulanmagyn maýyr deýin
Ekilmedik çaýyr deýin
Ýolda ýatmalyñ adamlar

Batyplar gara derlere
Eýe bolsañyz zerlere
Bolar bolgusyz ýerlere
Burun sokmalyñ adamlar

Ulaşyplar ýaman pişä
Agyz urmalyñ hapa neşä
Ýanaşyplar lolly kişä
Tohum ekmäliñ adamlar

Hemme zat señ eliñde däl
Bitirere diliñde däl
Geplerini geleñde däl
Yzdan etmäliñ adamlar

Saçak ýazyp sahy kişi
Hyzmat etmek bolar işi
Çagyrman etmez biş düşi
Aýak sekmäliñ adamlar

Hormatyñ bolmadyk ýerde
Gymmatyñ bolmadyk ýerde
Göç sen uçramankañ derde
Ýolda ykmalyñ adamlar

Niräk barýañ saýgar ýoluñ
Eliñdäkä heniz ruluñ
Süsdürmäkä razy boluñ
Batga batmalyñ adamlar

Barka gymmatly wagtyñyz
Şoldur ýetdirmez bagtyñyz
Ýollara saçyñ ýalkymñyz
Gözi sykmalyñ adamlar

Her ki zadyñ wagty bardyr
Howlukmañlar bagty bardyr
Tümlükde-de ýagty bardyr
Gamy ýuwtmalyñ adamlar

Her kişiñ öz nesibi bar
Eden işiñ hesibi bar
Her ýerde-de sen kibi bar
Gözü dikmäliñ adamlar

Doýmarsyñ iliñ ryzkyndan
Iýseñ gaçarsyñ ysgyndan
Dilegin Allañ yşkyndan
Ýaşy dökmäliñ adamlar

Şöhratlandyryp özlerini
Ýumup gezer gözlerini
Diýen aýdan sözlerimi
Kesä çekmäliñ adamlar

Ýan berseñ pelek oýnuna
Ýüp salar seniñ boýnuña
Girjek bolup ýer goýnuna
Halys çökmaliñ adamlar

Dogry ýaman jana degse
Sögersiñmi heý-de ýogsa
Sen ilden il senden doñsa
Kişä sökmäliñ adamlar

Ýaman bilen ýagşy bolsañ
Bilmez gadryñ nagşy bolsañ
Dogan bilen goñşy bolsañ
Ýatdan çykmalyñ adamlar

Jan guşy bil myhman tende
Bu dünýäge myhman sende
Allañ beren janyn bende
Goldan kesmäliñ adamlar

Gol uzadýan halka tarap
Bilmedim men size ýarap
Diýip indi halym harap
Eräp akmalyñ adamalar

Resulberdi ýok gardaşym
Bolmasada Hak syrdaşyñ
Barka ene atañ dik başy

Aýap saklalyñ adamlar
Ýogsa bolarys nadanlar

## Gutlaýar

Watan üçin döşin geren gerçekler

Ýeňişiňize altmyş dokuz ýyl dolýar

Gerek bolsa şirin janyn berjekler

Türkmen ilim ýeňişiňizi gutlaýar

Agyr kynçylyklar başdan geçendir

Faşistlaryň gyrmyz ganyn saçandyr

Reýstagyň gapysyny açanlar

Türkmen ilim ýeňişiňizi gutlaýar

Türkmen-Rus bary on bäş dogan bolup

Müňlerçeler duşman okundan ölüp

Ellerine ýeňiş baýdagny alyp

Türkmen ilim ýeňişiňizi gutlaýar

Bir-näçeler orden medallar alyp

Bir –näçeler beýik gahryman bolup

Sag-aman geldiňiz öýe dolanyp

Türkmen ilim ýeňişiňizi gutlaýar

## Hezreti Aly Güljanym

Göz guwanjym balalarym
Hezreti Ali Güljanym
Ikiñizem lälelerim
Hezreti Ali Güljanym

Biriñ ýazym biriñ sazym
Baryñyz ýürek owazym
Görer gözüm nurly ýüzüm
Hezreti Ali Güljanym

Saglykda zyýat ömrüñiz
Geçsin bir bire höwrüñiz
Şudur şatlykly döwrümiz
Hezreti Ali Güljanym

Ene atany begendirip
Geziñ mydam söýendirip
Garryganda daýandyryp
Hezreti Ali Güljanym

Resulberdi joşdy size
Ajap beýdi goşdy size
Guwanyp men ikiñize
Hezreti Ali Güljanym

## Geljegim

Ajaýyp durmuşy ajap söýgüde

Guryp bagta beslesidim geljegim

Şatlykda şowhunda bolman gaýgyda

Ömrümi ýaz ötürsedi geljegim

Maşgalada agzybirlik sürülse
Şeýde bir bitewi döwlet gurulsa
Ýamanlar ýat bolup ýagşy görülse
Päk zähmetden hujuw alsyn geljegim

Öňüm bolanyndan soňum diýleni
Bagta ýetirsedim çyndan söýleni
Säher bilen etsem goýman öýläni
Durmuşdan yza galmasyn geljegim

Şer dälde peýdany ýetirsem ile
Ýaman atly bolup düşmäýin dile
Resulberdi elmydama il bilen
Bagta beslensedi juwan geljegim

## Goşgy ýazmaga durýan

Käte ejizlenip basylsa sustum
Galam alyp goşgy ýazmaga durýan
Bir näzenin gyza aldyrsam destim
Galam alyp goşgy ýazmaga durýan

Synlaýan daglary synlaýan düzi
Synlaýan adamlaň ol güler ýüzin
Şatlyk gama şaýat bolaýsa gözüm
Galam alyp goşgy ýazmaga durýan

Sorýaryn sähermiň hoştap hawasyn
Diýip ýürekdäki közüm sowasyn
Ýatlap Gökdepäň Ýaňgala obasyn
Galam alyp goşgy ýazmaga durýan

Gökdepe galasy mertleň ojagy
Gurbanmyrat Işan jandyr gujagy
Nurberdi han Çopan kir iliň söýjegi
Sizi ýatlap goşgy ýazmaga durýan

Gurban Rahmanberdi ogly hojadan
Gaýdýandyrys ol Babarap gojadan
Seýitmämmet hoja pirli hajydan
Pederimi ýatlap goşgy ýazmaga durýan

Bir ganatym Baharly biri Babarap
Otyr eziz obam ýoluma garap
Haçan ugraryn şol mekana tarap
Obam küýsäp goşgy ýazmaga barýan

Baharly etrabym ol eziz Sünçäm
Suwuňdan ganaýyn dolduryp tüňçäm
Gulaga hoş ýakýar jürk jürki serçäň
Mürçäm ýatlap goşgy ýazmaga durýan

Hoja Ýusup Zeňňi babama gurban
Hassalap baraýsam sen edýäň derman

Togabym az bolup çekýärin arman

Dyzym epip goşgy ýazmaga durýan

Ahal illi Amanmyrat ogly men

Haramdan daş durup halal ýolly men

Adym Resulberdi Hakdan hally men

Ejeme minnetdar bolmaga barýan

## Obamyz

Mydam ala bahar al – elwan gülli
Erem – bagy ýada salar obamyz
Gyzlary görkana hem çeper elli
Hüýr – meligi ýada salar obamyz

Oýanarsyň daň horaznyň sesini
Gurban boldugymdyr belent pesine
Saýa salar jöwza tomus üstiňe
Çynarlydyr dereklidir obamyz

Göwniň galkar şapak saba säherle
Duşaýmarsyň gaşy çytyk gaharla
Eziz dostlam seýran etseň Baharla
Tomus güýzde zähmet joşýar obamyz

Ýaňgala Babarap eziz ýerlerim
Ýaýsam size sary ganat – perlerim
Ýigitler ýatladar goçdyr nerleri
Ar namysly belent başly obamyz

Resulberdi barsam eziz obama
Şatlanaýyn orun goýmaýyn gama
Süňk hossarlam hemme uýa agama
Gyzgyn salamymy ýetir obamyz

Ylhamym bar

Paýtagtymyň gujagynda
Ylham alýan ylhamym bar
Bagtyýarlyk ojagynda
Ne gussa ne-de gamym bar

Çüwdürimli arça bagly
Päk asmanly ajap çagly
Söz ussatly hem serdarly
Ýapsaň halat engamyň bar

Çüwdürimleň owaz edýär
Owazy ýüregme ýetýär
Ýüregiň ýarasy bitýär
Derdime em dermanym bar

Gaýgydyr gamdan gaçmaga
Oturyp göwin açmaga
Bilbil deý owaz saçmaga
Gelip seni görmegim bar

Seýil bagda Resulberdiň
Zyýat boldy ähli derdi
Bu ne ajap gözel ýerdi
Göwünde ne armanym bar

Halypalar size baky minnetdar

Keşbiňizi görmesemde jahanda
Setirlerňiz okanymda haçanda
Durmuşuňyz göz öňümden geçende
Suratyňyz göz öňümde janlanýar
Owazyňyz gulagymda ýaňlanýar

Adamkärçiligiň belent nusgasyn
Sende gördük ömürleriň gysgasyn
Diýdiň: “Bilbil söýen gülün ysgasyn
Gözelligiň waspyn edýän bagşydyň
Özüň gözelligiň nepis nagşydyň

Ýaňlananda halypalaň owazy
Çalanynda Nury Halmammet sazyn
Sözün saza goşup Atageldiň özü
Sizden ýasanypdy ajap bir ýoly
Halypalar bize nusgalyk doly

Türkmen sährasynyň hüýr perileri
Seýran edip ýörä dag dereleri
Ysgaşyp sähränyň boz jerenleri
Beýik daga başyn egen ussadyn
Unutmazlar Gurbannazaryň adyn

Resulberdem  arañyzda san bolsa
Kerim aga ýene tirsegne galsa
Diňläň diýip Sahy dutaryn alsa
Orazgeldi Gara Seýitli Italmaz
Arkadagym sizi nazardan salmaz

Bu durmuşda

Utulanym bar utanym kän
Bu durmuşda bu durmuşda
Şeýde ynsan ogly bekän
Bu durmuşda bu durmuşda

Köp agladym ýene şonça
Gülýänime boldum monça
Gyzlara bakdym ogrynça
Bu durmuşda bu durmuşda

Söýenmäge aga ýokur
Guwanmaga läle ýokdur
Oňe barýan ýolum akdyr
Bu durmuşda bu durmuşda

Söýen ýarym menden yrak
Gitsede küýseýär ýürek
Ömre ömür goşýan gerek
Bu durmuşda bu durmuşda

Gytçylyk ýok tagam duza
Gytçylyk ýok gözel gyza
Söýgü diýip çökmen dyza
Bu durmuşda bu durmuşda

Enem – atam goşa ganatym
Ýüwrüp barýar ol ak atym
Barha öňe gitsin badyň
Bu durmuşda bu durmuşda

Resulberdi dünýe ýalan
Ýalanda bolmasyn ýanan
Kimiň kimde mähri ganan
Bu durmuşda bu durmuşda

## Gelin

Owal başda göwnim awlap
Berdim çemen güli baglap
Gezdim öz –özümi allap
Saňa umyt baglap gelin

Men deý bagtly ýigit ýokdy
Sebäp gözleň maňa bakdy
Bakyşyň janymy ýakdy
Gezdim gözleň halap gelin

Soňra näm boldy bilmedim
Ýüzüň sowduň sen gülmediň
Garaşdymla gyz gelmediň
Saňa göwün çaglap gelin

Guwandym kaddy boýnuňa
Düşmedim guran oýnuňa
Özgäni dolap goýnuňa
Meni oda daglap gelin

Senden ol hakynda jogap
Soralanda söýgä togap
Enem garşy diýdiň şol bat
Galdymla men nalap gelin

Çykyp gitdiň toýňy toýlap
Ýigitleriň birin saýlap
Şol bagtlyny bagta taýlap
Gideniňde aglap gelin

Iň soňkyja umyt öldi
Gözleri gan ýaşa doldy
Resulberdiň ömrü soldy
Sen gideňsoň allap gelin

## Gelin

Başym sämäp durla meniň
Eýlediňle serhoş gelin
Beren gülgün badaň seniň
Eýledimle men noş gelin

Meniň aňym alan gözel
Bakmaz maňa gara gözleň
Söýýän söýýän diýen sözleň
Ýürek bilen bir joş gelin

Söýgüden etmegin haýa
Gitmegin ýüz müň hyýala
Yşkyň meýin bir pyýala
Bereňde mähriň goş gelin

Aýralygmyz ýetdi çene
El degmedi näzik tene
Bolan işe geňirgene
Ötürdüm ömrüm boş gelin

Resulberdi saýra dilim
Açylanja gunça gülim
Batmanka bu dogan günüm
Bolsana göwnje hoş gelin

## Partadaş boldyk

Özüň meni saýlap meniň gaşymda
Oturdyk biz bile partadaş bolduk
Bilseň şonda sen on sekiz ýaşyňda
Syrymyz alyşyp biz syrdaş bolduk

Sebäp ýokdy saňa syryň açmaga
Sebäp ýokdam bir birekden gaçmaga
Buzda doňup yşkda ýanyp öçmäge
Aşyklarda uly ile baş bolduk

Menä ýeke senem körpe baladyň
Senä meni menem seni haladym
Jübütlikdi bagtyýarlyk halaty
Dünýä gülüp bakyp diýseň hoş bolduk

Söýdüm ýüregimden saňa gol berdim
Geçeý diýdiň saňa açyp ýol berdim
Dertläniňde bile çekişdim derdiň
Şeýdip dile düşdük ile paş bolduk

Kimler munda gybatymyz etdiler
Söýgüdä diýp gözün ýumup gitdiler
Seniň bilen ýitirilen ýitgileň
Öwezin dolmaga gaty boş galdyk

Seni beren Alla edipdim şükür

Namazymda senam bolupdy zikir

Toý tutarys diýip hyýalda pikir

Edenmizde ýüreklere joş bolduk

Bir gün söýýän diýip ýazamda nama

Okap sen soňundan aýdýanyň näme

Men seni söýemok başyňa gama

Batyrma diýeňde gözde ýaş bolduk

Şonda-da umydym ölmesin diýip

Sawçy iberdim Hudaýa uýup

Jogap geldi menem dünýeden doýup

Ikimizem munda kulu kaş bolduk

Resuluň yhlasy seni tutmasyn

Meni utan bagtym seni utmasyn

Durmuşyň şat bolsun gama batma sen

Aşyk ýürek däl biz gara daş bolduk

### Meniň söwer ýarym aldyň

Pelek saňa bir arzym bar

Meniň söwer ýarym aldyň

Öňde heniz kän parzym bar

Namys bilen arym aldyň

Ýollaryna baka baka

Garaşanym sygnyp haka

Tutýaryn men indi ýaka

Dünýädäki barym aldyň

Näzlerini çeke çeke

Dyzlaryma çöke çöke

Galdyrdyňla munda ýeke

Goldan hyrydarym aldyň

Aýralygy salyp başa

Gidenim sen menden daşa

Gara gözüm boýap ýaşa

Döşde zülpi tarym aldyň

Resulberdiň nalar dili

Ýat edipdir söýen güli

Kapasda şeýda bilbili

Ýüzde kuýaş nuryn aldyň

## Ýar bolaýyn

Ýamanlyklardan saýlanyp

Ýagşylyga ýar bolaýyn

Güneş deý älem aýlanyp

Ýanyp duran nar bolaýyn

Bileýin ýagşyň gydyryn

Her ýerde ýagşyň bardygyn

Söwer ýar namys ardygyn

Bilip kalba ýar bolaýyn

Zeminimiň päkligini

Asmanymyň aklygyny

Edebiň ahlaklygynyň

Boýnunda tumar bolaýyn

Türkmenistan watanymy

Baky bagta ýetenimi

Bagt daňynyň atanyny

Bilip bagta  ýar bolaýyn

Ak mermerli paýtagtym bar

Garaşsyz Watan bagtym bar

Bitaraplyk ak tagtyna

Ýagyp duran nur bolaýyn

## Sen dälmi

Yşkym hakda hoş mukamy

Saýradan läläm sen dälmi

Ýät etdirip gaýgy gamy

Göwnim şat eden sen dälmi

Gije – gündiz pikir eýläp

Allahyma şükür eýläp

Aşygy magşuga taýlap

Bagtymyň guşy sen dälmi

Bakýan asmana Aýada

Bakyp eçlen serpaýada

Ýürek bilen Hudaýada

Uýduran läläm sen dälmi

Saňa bagly meň bu ömrüm

Saňa bagly meň bu döwrüm

Şat eýle ýar birje göwnim

Köýdüren läläm sen dälmi

Resulberdiň bolup taýy

Gursadyk biz bagt toýy

Sürüp döwran ömür boýy

Arzuw umuydym sen  dälmi

## Daş etme

Bagtly günlerim geçmäň deňimden

Bagt söýgü ýodamyzy daş etme

Söýe bilmen her çykany öňümden

Gadyr bilmejege syryň paş etme

Ara daş ýa ýakyn parh etmez bize

Esasy zat jyrjaşmak söýgüňüze

Ýürek duýgy deň gelsin sözüňize

Allap bir – biregi gözi ýaş etme

Söýdüňmi söýgüňe bolgun wepaly

Şeýtseň bu durmuşyň bolar sapaly

Dostlar şeýde yşkdan bagt tapaly

Her kimsäni bu göwne syrdaş etme

Başarsaňyz yşkda sabyr etmegi

Aňsat bolar şonda bagta ýetmegiň

Mümkünmi ýazgydyň pozup ötmegiň

Ýazylmajak bagty göwher gaş etme

Garaşanym garaşjagmy bil läläm

Söýgä şaýat boildy ulus il läläm

Resulberdi umyt üzenok hälem

Söýmejegmi ykbalyma duş etme

## Türkmenistanym meniň

Men bu gün waspyňy ýazsam goşgy gazalym bilen

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Açyk gapy syýasatly dost – doganlarmyz gelen

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Döwlet adam üçin diýen şygarym dünýä belli

Milli Lider arka durup türkimen başyna geldi

Taryhyň bar tarypyň bar dolandyr asyr elli

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Oguz handan alyp gaýdýar Gorkut ataň pederi

Alp – Arsladyr, Görogludan ýurtlar etdi hederi

Ýazmamyş Magtymgyly Hakdan alyp heseri

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Tebigata maýyl bolup etsek diýýäs gezeri

Gül – gunçaly dagy – düzi mähir bilen ezeli

Gözellikden ylham alyp goşgy – gazal düzeli

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Garagumyň gülzar bu gün altyna deň topragy

Gyşyň nurly ýazyň sazly tomus gaýnar kükregiň

Altyn güýzüm iýmişe baý döküp sary ýapragyn

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Bäş welaýat bäş dogandyr Daşoguz Ahal Mary

Lebap Balkan daglarynyň depe eremez gary

Keşt etmäge geliň dostlar biziň ülkäme sary

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Ýaşyl Tugum hem – de gerbim dünýä saçar ýalkymy

Bedew atym pagta – bugdaý, genji käni halkymyň

Nebi – gazdyr Hazar deňziň öwşün atar tolkuny

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

Ak mermerli Aşgabadym, Aziýadaň merjeni

Çagalar bag soň mekdebe eder bala ýörjeni

Arkadaga alkyş aýdyp bagt halkyň görjegi

Güneşli bagy – bossanym Türkmenistanym meniň

### Bile bilmedim

Seň arzuwyň näme hyýalyň näme

Göwnüňde ne baryn bile bilmedim

Kä şatlyk açilýäň kä atýaň gama

Käte aglap käte güle bilmedim

Kä ýylgyryp dogdurýaň nurly günüm

Käte gaşyň çytýaň solduryp gülim

Kä ýaşaýyş berýäň kä berýäň ölüm

Ne bir öldüm ne – de gala bilmedim

Bir ýylgyrsaň eşret gamlansaň zulum

Gama batmak saňa ýat bolsun gülüm

Hoş mukam saýraýan seniň bilbiliň

Zaryn saýrap bagryn dile bilmedi

Başymy goýup men mährem topraga

Hoş howasyn sorup gyzgyn kükrege

Sen hakda oýlanýan elim ýüregňe

Goýup mährem goýna dola bilmedim

Resulberdiň bagt ýylldyzy sen läläm

Umyt atly çyrag köräp dur hälem

Sensiz diwana men sensiz men dälem

Sensiz bir pursat sag bola bilmadim

Unutma

Haýry hossar etseň halal endişe

Derýa batyp galmajagny unutma

Burnuňy sokaýsaň bir haram pişä

Hormat sylag almajagňy unutma

Halallyk ýolundan ýöre dürs basyp

Ýakynlarňy diňle gulagyň asyp

Baha berme hemmä özüňe osup

Döwlen küýzäň dolmajagny unutma

Küýze diýenim meň ynsan ýüregi

Mähir söýgü bolar şoňa geregi

Goldap gezseň mydam birek – biregi

Gyrmyz gül sen solmajagňy unutma

Adamyň ýüregi mähir ojagy

Gadyr edip barsaň ýazar saçagy

Öwüt berseň ýygnap ýaşdyr goçagy
Ýüzüň ýere salmajagny unutma

Unutma dostuňy unutma ýary
Dosta ýara bermeginiň azary
Ýüregi ýukanyň ýetmez karary
Nadan gadyr bilmejegni unutma

Azary ýetirmän gezseň ynsana
Nebise däl orun bergin ynsaba
Ahyry ýetersiň haýyr yhsana
Haram halal bolmajagny unutma

Saňa bermänkäler sözüň nobatyn
Söze goşlup etme özgäň gybatyn
Syçan pile atyşy deý haýbaty
Atsa pişgiň ölmejegni unutma

Töhmetden düşmäwer zyndan içine
Garyşman gezýärkäň kişiň işine
Bir döwüm nan degmez halka dişiňe
Töhmetçiňem gülmejegni unutma

Dideleňe baksaň içginden – içgin
Kowuljagňy bilseň barmanka göçgün
Diňlenmäýän bolsaň dillenme öçgün
Il gözüne ilmejegňi unutma

Bary ykbal oýny takdyryň işi
Düşünmejek bolýar oňa bar kişi
Saldyraňda eger tylladan dişi
Wagtyň geçse galgajagny unutma

Resulberdi ilki özüňi gözle
Özüňi ýola sal özüňi düzle
Ahyr pelläň nire yzyňy yzla
Dürs ýol ömri dilmejegni unutma

## Dogan hakynda

Dogan dogana höwüdir dogansyz daşym meniň
Ýeke galsaň geçmeýändir damakdan aşyň seniň
Gam laýyna batsaň eger eneden soň ýaşyň seniň
Sylýan ýeke täk ynsandyr goraglap başyň seniň
Eý agalar ýeke galsam idelmez läşim meniň

Bir dograna bir dogana gereksiň munda ýeke
Doganyň ýerini hatda tutmaz boldy ejeke
Dogansyz ddaşyň ýalaňaç duşman zulmundan beke
Eý ýaranlam dogansyzlyk jebrini çeke – çeke
Dogandan başga kim eşider çeken nalyşym meniň

Dogan bardyr dertläp ýatsaň durar seniň gaşyňda
Dogan bardyr gňrünmez bolar seniň ýaşaýşyňda
Dogan bardyr ýaza döndür bolsa başda gyşyňda

Dogan bardyr perwana deý aýlanýandyr daşyňda
Men bir tylla ýüzük bolsam ýok göwher gaşym meniň

Ýeňi başgadan don bolmaz ene başgadan dogan
Dostlarym biliň gant ýerne dograr agzyňa sogan
Gyýylýan deý ýaşaýanňa alyp bogazdan bogan
Beýle doan dagmanyndan doganlygy kän ýaman
Üç agyzly ýylanlaryň dişde ýaşaýşym meniň

Kaza galynmaýan bolsa bada etim iýerler
Etim iýip süňküm sorup gabygynam soýarlar
Soňra bolsa biz näm etdik näme günä diýerler
Üstümden han patyşa bolup demir donun geýerler
Daşym demir gözenekde ýokdur bir yşym meniň

Resulberdi bagtyň çüwse toý bor gelin ger öýe
Söýülersiň söýenersiň guwanarsyň sen boýa
Soňra bolsa kaka diýen perzentleň jandan söýe
Şeýle süýji hyýallary getirenimde oýa
Toýuň açyp gutlajak ýok şoldur gargyşyň seniň

## Senaly gerek

Döwlet adam üçin şygary bilen
Arkadagyň dili senaly gerek
Halkyň aladasy ygrary bile
Arkadagym Hakdan penaly gerek

Täze özgerişler, täze zamana

Biz ýyllardan ozup barýas hamana

Halky alyp barýar bagty rowana

Paýtagtym mermerden binaly gerek

Gülläp ösýär şäherlermiz kendimiz

Dolup barýar barha baýlyk genjimiz

Ýüreklerde siziň her bir pendiňiz

Il oglunyň dili dogaly gerek

Her bir dogan güni bagta atarýaň

Dogry ýoly saýlap alýaň iterýäň

Halk alkyşyn Hak alkyşyn ýetirýän

Arkadagym Hakdan halatly gerek

Gelin

Geçip bilmän deňimden

Doňdyň duran ýeriňde

Azaşdyryp serimden

Geldi öýmeli gelin

Söýlüp söýmeli gelin

Sorduň halym ahwalym

Şol bat aldyň mejalym

Gynap wagtynda zalym

Bolduň öýmeli gelin

Menem köýmeli gelin

Ykbaldan nalasamda

Gowy men diýp aldasamda

Gury göz aglasamda

Ýürek gaýgyly gelin

Başy öýmeli gelin

Bakşy näzi kereşme

Ýakşy näzi kereşme

Gabat geldik görüşmä

Näme diýmeli gelin
Başyň öýmeli gelin

Hoşlaşyban gaýtdyň sen

Zaryn aydym aýtdym men

Ýatlamarlary geçen

Ýatlap köýmeli gelin

Ýürek gyýmaly gelin

Resulberdi ýüregiň

Berip ýara geregiň

Umman içre küregi

Basyp goýmaly gelin

Öldüm diýmeli gelin

## Ýazygy bilen

Kimler ömür sürer bagtly durmuşda
Kim hoşlaşar gider ýazygy bilen
Aňňalak gapdyryp duzak gurmuşda
Bäş göwnüň awlar bazygy bilen

Adam ata Howa enemiz enemiz kaýda
Abyl bilen Kably neýlediň aýda
Nuh ömrün ötürüp  gaýykda gaýda
Dünýä dört bölündi düzügi bilen

Ybraýym pygamber Ysmaýyl Halyl
Gurbanyň bolmaga geldiler kaýyl
Musulman ojagny Mekgäni taýyn
Boldy Nemrut çykdy duzagy bilen

Ishak ogly Ýakup ol gözel Ýusup
Yşk urdy Züleýha bagryny basyp
Ýusubyn uzadan gamçysyn ýakyp
Ahyr ömür sürdi uzugy bilen

Kyrk oglysy bilen Hezreti Dawut
Namazlyga mündi bürenip mawut
Bary birden ölüp bagryňy awut
Süleýman ötmänmi ýüzügi bilen

Malyn sürüp çöle çykan ol Musa

Ymmatym gora diýip buýrdy mangusta

Ynsanlaň günäsin göteren Isa

Ýere çüýlenmänmi gazygy bilen

Ebubekir Syddyh ol Omar Osman

Muhammede ýardy ýer bilen asman

Alyda söweşdi yzyna tesmän

Hoşlaşdy jan teniň üzügi bilen

Resuluň perzendi ýedi ýaşynda

Janyn alyp atasynyň gaşynda

Ýas güni ak mata orap döşünde

Hoşlaşyp gidende uzagy bilen

Dünýäň ýüzün alan Iskender hany

Hoja Ahmet Ýasawy Jahan şany

Mal bilen galaryn öýden Karuny

Gidermedi lukma azygy bilen

Eýämsiň eý Allam men seniň guluň

Saýraýan bilbiliň açylan gülüň

Gözü ýaşarmasyn aşyk Resuluň

Hoşlaşmasyn Ogulnäzigi bilen

Resulberdi ömrüň soňy gelmesin

Dostlarym aglaýyp duşman gülmesin

Näzijegim özgelere galmasyn
Süreňde döwrany gyzygy bilen

Bolmasyn

Ýürekdäki söýgüm saňa
Aýdanymsoň puç bolmasyn
Çekdirseňde näziň maňa
Ýüregiňde öç bolmasyn

Islemerin aýralygy
Ätmeklige gaýralygy
Bar gözele baýralygy
Bolýan döwrüň hiç bolmasyn

Gözümi boýama ýaşa
Ýürek beip özge kişä
Gitseňde sen menden daşa
Yza dolan giç galmasyn

Birigeli goýna dola
Düşübän bagtly ýola
Şeýde bir jan bir ten bola
Çözlenmäge uç galmasyn

Seniň bilen durmuş süýji
Şol durmuşy gurmuş süýji

Resuluň başynyň täji
Senden özge täç bolmasyn

## Ak bugdaý

Bäş müň ýyllyk taryhyň bar diýarda
Ilkinji Watanyň Änew alkymy
Daýhanyň zähmeti arzuw hyýalda
Hasyl bolar ýazlyk günüň salkymy

Ýazlyk bugdaý dänesini ekeňde
Sürüp ýerin depip dökün dökende
Buýsanç bilen atyzlara bakaňda
Ýaşyl umman deýin atar tolkuny

Saralyp bişende altyn dänesi
Her dänesi bolar umman känisi
Gözüň doýar synlanyňda hanasyn
Ak bugdaýym genji käni halkymyň

Her bir dänäň ýaşaýyşyň eşreti
Hak eçilen bize şeýle peşgeşi
Hünjü deý düzüler gözel keşdesi
Gün kibi nur saçyp Günde ýalkymy

## Kemsinmezmi

Balasyny goýup ene
Gitse perzent kemsinmezmi
Dolan gujak boşap ýene
Galsa ýürek kemsinmezmi

Käte gujakda ýatyryn
Gijeler ýatman oturan
Aglaýyp daňyn ataran
Ýalňyz balam kemsinmezmi

Zalym ajal seni bizden
Alypdyrla gaty tizden
Ak köýnek oranyp bizden
Ugradýanyň kemsinmezmi

Mähribanym indi kaäýda
Mekan tutduň indi aýda
Dolanyp gelmeseň heýde
Garan gözlem kemsinmezmi

Mazaryň guramanka şindi
Göz ýaşym topraňňa siňdi
Göz hanam gurapdyr indi
Aşyk oglan kemsinmezmi

## Pidaly bolar

Adam garyp bolup inmez jahana
Akmak garyplyga pidaly bolar
Pulum ýok diýp hergiz etme bahana
Süýthorlar imana gedaly bolar

Ýetýän bolsa eger iýip – içýäaniň
Derkar däl saglygňa petde seçýäniň
Ýeter haramlygy basyp geçýäniň
Sebäp halal malyň edaly bolar

Saýgarsaňam munda agy garany
Ýene bir gez synla açda araňy
Içgin tanamasaň dostdyr ýaryňy
Ýalan ýaşryk sözläp sedaly bolar

Aklyň şu wagt ýeten bolsa giç juda
Sebäp ömrüň geçirip bihuda
Birnäçeler uýsa ýeke bir Huda
Birniçe özbaşdak Hudaly bolar

Resulberdi döwran sürgüniň indi
Dünýe gözel oňa bolmagyn  bendi
Kimler barlygyňa juda begendi
Kimse aglap senden jydaly bolar

# Gözleriň

Gaýgy – gussa gizlemegin ýürekde
Şatlyk bilen gülüp baksyn gözleriň
Kalbym gülsün ýatlamda her gezekde
Şatlyk bilen gülüp baksyn gözleriň

Gamlanaňda kirpikleriň hatara
Düzülerde gursagyma batara
Şonda jaý tapmaryn özüm atara
Gamlanmasyn gülüp baksyn gözleriň

Gözleriň dökmesin ajy ýaşlary
Gyýyp ol çekilen galam gaşlary
Syndyrma ýüregi gara başlary
Gamlanmasyn gülüp baksyn gözleriň

Gözlerňe bakamda gözel dünýäni
Görýänä men şonda söýgüň inýänin
Kä aglaýyp onsoň ýaşyň diňýänin
Gamlanmasyn gülüp baksyn gözleriň

Oýnaklasyn dünýä şatlyk paýlasyn
Gursagmyň içine nazar aýlasyn
Resulberdi biçäredir neýlesin
Mähir bilen ýaksa ýaksyn gözleriň

# Nazar indi

Näzli dilber kän kösäniň bilýänsiň
Aşyga bagş eýle bir nazar indi
Bu dertli halymy görüp gülýänsiň
Ol gülküleň janyma azar indi

Saýlap tarypladym sözleň ýagşysyn
Gül isteýir aşyk bilbil bagşysyn
Men tylla daş sen gözellik nagşysyň
Daş ereýip bolupdyr hazar indi

Ýar saýrana çykgyn gol berip gola
Bagtymyz baglaýyp bizem ak ýola
Durmuş lälezardyr bak sagy – sola
Meniň bilen eýle bir güzer indi

Söýdüm ýüregimden söýdüm janymdan
Seni söýüp jyda düşdüm aňymdan
Eý söwer ýar gitmesene ýanymdan
Şonda bagt hakynda kän ýazar indi

Resulberdi sen diýp geçer hemmeden
Geçmäý menden galam gaşly gül beden
Girip çyksak bir ojakdan külbeden
Söýgümiz bolmasyn kan bazar indi

Ýar ynjamasyn

Bilýändir söýýändir jogaba garaş
Gyssanma eý köňül ýar ynjamasyn
Öýke kine goýma ýar bilen ýaraş
Öpeňde ýaňakdan nur ynjamasyn

Gyzyň görki näzdir sen bolsaň erkek
Çenden çykma indi özüňe erk et
Şeýle bolsa ajap bolar hereket
Howlukma sögingin ýar ynjamasyn

Düşünjek bol oňa kejirlik etme
Emma düşünmän sen hiç taşlap gitme
Gyz göwni ynjykdyr hergiz unutma
Ýüregini ýakma dur ynjamasyn

Nazaryna bakgyn içginden içgin
Şerap dal pyýala mährinden içgin
Şol bir sözüň bilen ýürege düşgünç
Bolmagyn namys ar ynjamasyn

Oňa gezek ýetmediginiň bilgin
Aglatmagyn gaýta gussasyn algyn
Resul ýar gidende nazaryň salgyn
Düşmegin yzyna ýer ynjamasyn

Dünýede

Bir nijäni sen üstüňden agtardyň
Köpü aglap köpü güldü dünýede
Oýnadyp ýaýnadyp topraga gardyň
Adam Ata döräp öldü dünýede

Iň agyr nalyşdyr ynsan nalyşy
Bu nalyşy eşitmesin hiç kişi
Zar aglamak bolar mydam endişi
Jennetden kowuldy dünýede

Kabyl geldi Ablyň ýanna daş bilen
Indirdi ol daşyn gara baş bilen
Ilkinji ölümi ajy ýaş bilen
Ýüzüni ýaş bilen ýuwdy dünýede

Ybraýym Halyldyr ol Ysmaýyl jan
Hudaý üçin janyn etjekdi gurban
Dur Ybraýym diýlip eýlendi perman
Her zat synagdygyn bildi dünýede

Ishak dogdy dünýä ýalkymyn saçyp
Söwüş etdi ata gujagyn açyp
Kän gezmeli boldy jöhütden gaçyp
Alla gora diýip ýeldi dünýede

On bir ogly bilen hezreti Ýakup

Bir düýş görüp gorkdy bagryny ýakyp

Ýusubum diýp aglap ýaşyny döküp

Göz oýlup bagryn dildi dünýede

On gardaşy ýanna gelip Ýusubyň

Düýşün diňlediler gulak asyban

Aga inisinden guly ýasaban

Bazarda hyrydar ildi dünýede

Kengan ilden düşüp Müsür iline

Bilbilin bagş eýläp ajap gülüne

Şükürli gul ýetip bagtly gününe

Jygada başyna iýldi dünýede

Dünýä ýuwdup ýören bir läheň balyk

Az göründe oňa giden bir şalyk

Ýunus barsa iberende ol Halyk

Balygyň içinde soldy dünýede

Demire jan beren hezreti Dawut

Ýüpek däl demirden tikindi mawut

Kyrk ogluny eli bilen ol ýuwup

Jaýlansoň Süleýman geldi dünýäge

Arşdan ýere indi on iki gat tagt

On iki müň şalykdy on iki müň bagt

Şalyk däl ýüzügi gymmatly wagt
Ezraýyl kakyban  gitdi dünýede

Ýüzük ýitrim boldy Süleýman öldü
Ol on iki gat tagt asmana galdy
Süleýman hem perden bir detjal dogdy
Nemrut Haka müňkür boldy dünýede

Hudaý nazar saldy ol Mäti iýndi
Nemrut Mäti söweş kylmaly indi
Nuh gämi ýasandy asmandan iýndi
Suw  bilen sil gelip  doldy dünýäge

Mäti harap etdi Nemruduň okun
Ahyrzamana wagt gelipdi ýakyn
Isa geler diýdi tebbedi oky
Asman sary gaýyp bolup dünýeden

Ol naçar uýasy Bibi Merýemden
Atasyz dogandy bagy Eremden
Garyn däl mukaddes agyz ýerinden
Alla zurýadydyr Isa dünýede

Ýetmiş ýyl dünýäni süren bir garry
Amanadyn Haka berdi ahyry
Dem bilen çagyryp beýik Zahyry
Täzeden bu dünýä iýndi dünýede

Ymmat içre ýer tapmadyk Musany
Çöle sürdi malyň baryp bak hany
Goýun bolup ömür boýy bakany
Hasasy mar bolan şoldy dünýede

Muhammetdir soňky diýlip jemlendi
Sebäp ogul ölüp gözler nemlendi
Resuldan soň Şahymerdan diňlendi
Olam gul elinden öldü dünýede

## Gider sen

San algyň dolup peýman ýetende
Şem deýin gyzaryp söner gider sen
Ezraýyl ýör diýip ýakaň tutanda
Derman tapman oňa öler gider sen

Dost – ýar tegelenşip daşyň alarlar
Aglaşyp eňreşip ýerden galarlar
Soňra ýuwup – ardyp göre salarlar
Gyrmyz gül deýin teniň solar gider sen

Ysrafyl sur çalar soragçy geler
Şol wagtky halyň seniň kim biler
Ruhuň asman uçup jesediň galar
Jeset jana gelip galar gider sen

Eden etmişleriň baryn sorarlar
Mizana mündürip täleý gararlar
Syrat köprüsinden ýola salarlar
Jennet ýa dowzahy görer gider sen

Resulberdi kim galypdyr ölmeýin
Kim galypdyr peýmanasy dolmaýyn
Ýöne gidäýmegin hälä galmaýyn
Ýalançydan baka gonar gider sen

## Öler gider

Munda ömür süren janlar
Amanaty berer gider
Ajal ýetse musulmanlar
Ezraýyl läş serer gider

Hiç dermany tapman jana
Sygynarsyň Biribara
Dönersiň şonda imana
Ajal gujak gerer gider

Peýda etmez tebip emi
Ýetişmez Isanyň demi
Goýman munda hiç bir kemi
Jan uçar ten erär gider

Resulberdi iman gazan

Säher turup okap azan

Az bolmandyr muny ýazan

Ýene ençe dorär gider

Bukmasana gyz

Gözelligiň bary sende jemlenen

Bakaýyn ýüzüňi bukmasana gyz

Seni söýüp gara gözlem nemlenen

Ajy ýaşlam bolup akmasana gyz

Seni görüp aklym uçdy serimden

Doňup galdym gülüm duran ýerimden

Bagtym bolup inen bolsaň eremden

Tiken bolup bagra batmasana gyz

Humaý guşum diýsem gözden uçar sen

Bir uçansoň bizden ara açar sen

Alyslardan maňa nuruň saçar sen

Menden dönme bagry ýakmasana gyz

Aýym bolup asmanymy beze sen

Hanjaryň däl kirpikleriň geze sen

Parhy ýokdur gözüm ýaşa ezer sen

Gözüň süzüp gaşyň çytmasana gyz

## Gadyrym meniň

Hossarsyz idelmän bir gün ýalňyzym
Galaýsaň bilersiň gadyrym meniň
Ýatlap ýüregime basanja közüň
Aglaýsaň bilersiň gadyrym meniň

Aglaýmagynýöne ýatlap ýoklugym
Egisäýme ýürekdäki şatlygyň
Birje sözüm unutmagyn ýatlagyn
Allaýsaň bilersiň gadyrym meniň

Ýanyňdakam meniň gadrym nol eken
Göýäki diýerdim söýgi bol eken
Meni taşlap ýürejigime tiken
Bolaýsaň bilersiň gadyrym meniň

Jan bir amanatdyr teniň myhmany
Diýen sözlerimden algynyň many
Läş serilip çykan pursady janym
Öläýsem bilersiň gadyrym meniň

Ýuwup jynazadan soňky ýoluma
Ugralanda bakma sagy – soluňa
Suratymy şol dem alyp eliňe
Alaýsaň bilersiň gadyrym meniň

Menden soň bir ýigit gelse gaşyňa
Söýäýseň bargynyň bakma ýasyma
Resulberdi ýowuz günde düýşiňe
Giräýsem bileresiň gadyrym meniň

## Ýetjekdir

Galaryn diýp pikir etme jahanda
Barça ýeten nobat saňa ýetjekdir
Ezraýyl ýüzüňe gülüp bakanda
Jan alanda bogazyňdan tutjakdyr

Şol pursatda janyň gelip kemana
Ýetirmezsiň agyz sözü kelama
Parh etmezdir ýetişdiňmi kemala
Ýaşdyr garry barça mundan ötjekdir

Giň jahanyň ýagty dünýäň dar bolar
Imanyň ýoldaşyň ýüzde nur bolar
Ahyr baryp ýetjek pelläň gör bolar
Bu gara ýer gör nijäni ýuwtjakdyr

Aglaşarlar seni ara alarlar
Ýuwup ardyp seni tämiz kylarlar
Jynazaň diýp ýerlerinden galarlar
Barça kişi bu işleri etjekdir

Tabyt diýen agaç ata münersiň
Gabyr atly dar düşelgä sümersiň
Güneş bolsaň şol gün baky sönersiň
Ruhuň uçup toprak läşiň guçjakdyr

Salyp gaýdarlar içki öýüň teýine
Bäş garyş biz mätäç dälsiň geýime
Garaşarsyñ “Alla rehmet etsin ‘’ diýene
Gabryň gömüp barça yza gaçjakdyr

Ysrafyl sur çalar jesediň galar
Gabryň ýaryp iki soragçy geler
Biri gazap biri haýyrlysyn kylar
Soňra mizan terezsine münjeksiň

Sogabyň kän bolsa jennet ýaryňdyr
Günäň agdyk bolsa dowzah naryňdyr
Resulberdi iman seniň hemraňdyr
Ýogsam jähennemden aşak gaýtjaksyň

Bagyşla Alla

Göýberen hatalam diýseň kändir meň
Eden günälermi bagyşla Alla
Ýüzüm bolmagy çün huzuruňda seň
Eden günälermi bagyşla Alla

Söýmedigi söýdüm söýeni ýakdym

Halaly unudyp harama bakdym

Gara göz içinde ýaş bolup akdym

Eden günälermi bagyşla Alla

Enemi agladyp atam nalatdym

Şeýde ýaman ýolda özüm tanatdym

Aragy çilimi jana ýanatdym

Eden günälermi bagyşla Allam

Indi enem – atam hem seni söýjek

Namazymda şükür Allama diýjek

Resulberdi halal çöregi iýjek

Eden günälermi bagyşla Alla

## Joşdumda geldim

Toýuňa bagş eýläp goşgy – gazaly

Sazyn düzüp aýdym joşdumda geldim

Gyz lebiňi teşnesine ezeli

Sesiňe sesimi goşdumda geldim

Toýuň habar etdi ýakynyň ýadyň

Buşluk durmuş gurýar seň göwün şadyň

Diýp çakylyk beren joraň Şemşadyň

Şol mylaýym gyza duşdymda geldim

Hasda görkli läläm şu wagtky görküň
Wah bar gözde ünjüň ýürekde gorkyň
Gorky unmmanyna etdiňle garky
Seň ýeriňe özüm çaşdymda geldim

Bir haýyşdym sylgyn gözdäki hünjüň
Ýüregiňden pozgun gaýgyly ünjüň
Bu gün bagt toýuň artdyr begenjiň
Bagtly günüň bagtdan aşdymda geldim

Resulberdi diýme ýoluňa garap
Galandyr garagy  bakyp şol tarap
Indi galsamda şol bakyşda garrap
Şu gün ganat baglap uçdumda geldim

## Halym oglan

Ilki başda meniň saňa
Düşüp galdy ýolum oglan
Kemsiz kaddy kamatyňa
Bakdym ýitdi salym oglan

Saýlap seni tapyşyma
Haýran galdym bakyşyňa
Çeperden söz gatyşyňa
Çak etdim sen alym oglan

Wada berip şeýle süýjü

Ýüregime ýalan ajy

Goýup gitdiň men mätäji

Boldum mähre zalym oglan

Zybagözel saňa gelip

Gitmedi gapyňdan gülüp

Gitmänkäň bir bagrym dilip

Duýmazmyň sen halym oglan

## Bilinýän bolsa

Dünýäde näçe ýyl döwran sürersiň

Şol ýaşan ömrüňde näme görersiň

Hak ýoluna girip dogry ýörersiň

Eger ýagşyň gadry bilinýän bolsa

Ýagşylyk et emma diliňe alma

Ýagşy kän ýamana nazaryň salma

Batyra ýaraşmaz ejize gülme

Ejiziň ýüregi dilinýän bolsa

Şir deýin güýçli bolmalymy sen

Tilki deý sapalak salmalymy sen

Haýsysysyndan sapak almalysyň sen

Mekire eger al salynýan bolsa

Hor balyk görmersiň semizem tilki

Diýen sözlerimden many al ilki

Ryzky Alla berer bolmagyn gülki

Bagt hemmä ýeter dilenýän bolsa

Iskender ölerdimi barjany taşlap

Karun giderdimi gözüni ýaşlap

Lukman galardymy gözüni ýaşlap

Eger – de gara elenýän bolsa

Ahyrzaman gopmaz hopukmaz zemin

Heniz tükenmänkä Isanyň demi

Muhammediň orny Mätiniň ýeri

Boşap galmaz ýene gelinýän bolsa

Resulberdi öçmänkä Kuranyň haty

Entäkler gatlanar ýyllaryň gaty

Bilinýändir ene – ata hormaty

Olary ýüzüňe sylynýan bolsa

Gora meni

Eziz Allam senden dilegim bardyr
Enem atam bilen gora sen meni
Hak söz bilen güýçli bilegim bardyr
Senden ejizdirin gora sen meni

Ýaman niýetlerden ýaman pällerden
Ýalanlardan hemde dogry dällerden
Şeýtany söýenden agyr hallardan

Men goranyp bilmen gora sen meni

Biwagt aglamakdan biwagt gülmekden
Gözim ýaşly bolup göze ilmekden
Töhmete galmakdan bagrym dilmekden
Men goranyp bilmen gora sen meni

Ýagty gündüzimi aýdyñ gijämi
Betbagt düşürmekden atan bijämi
Oýnalmaýyn ýatladyp ol bijini
Başa al salýandan gora sen meni

Erkekligim ýitip namys aldyryp
Uýata goýmawer ýeke galdyryp
Ejize dönmäýin ýüzim soldurup
Ejiz galmagymdan gora sen meni

Synamy abat et kalbymyda şat
Soñra şol şatlygmy eýleme bibat
Asuda durmuşa çökmekden girdap
Duýmazymdan ozal gora sen meni

Akyldan azaşyp telbe bolmakdan
Barmaklar çomalyp üstden gülmekden
Biwagt göçmekden yza galmakdan
Men goranyp bilmen gora sen meni

Ýalan wadalary ýalan antlary
Ilki süýjän soñra awan gantlary
Ýalñyş maslahatdyr ters ündewleri
Bermekden almakdan gora sen meni

Köpür sözlemekden aşa doýmakdan
Haýyrly işimi soña goýmakdan
Hemmeleriñ emýän bally gaýmakdan
Miýesser etmekden gora sen meni

Resulberdi bolsun dokuzym düzüw
Miýesser edinçä ahyrky gazuw
Soñ yzymda galsyn şu işler ýazuw
Dowzahy oduñdan gora sen meni

## Etmäwersin

Merdi dostum saýýan wagtym
Namarda zar etmäwersin
Gaýgysyz ünjüsiz çagtym
Birden hor etmäwersin

Gezip ýörkäm başym aman
Ene ataly ajap zaman
Barka zatdan çekmen arman
Ýetim goýup har etmäwersin

Naçar bendä sütem edip
Eger bilsem bagta ýetip
Gitsin şol bagt gözden ýitip
Söýmese ýar etmäwersin

Garran çagy arkadaglam
Egilse dik ýaşyl baglam
Gyşa dönse bahar çaglam
Gyş başym gar etmäwersin

Perzent bergin ogul gyzy
Azalman köpelsin yzy
Ýumruklap iki dyzy
Agladyp kör etmäwersin

Resulberdi güler ýüzüñ
Ýaş bolmasyn gara gözüñ
Iñ soñkyja aýtjak sözüm
Hiç kes azar çekmäwersin

## Görer sen

Munda ýat etmsseñ Kadyr Allany
Bilermiñ niçiksi oylar görer sen
Zekatsyz baýlaryñ boş gider ýany
Eýesiz enteşen koýlar görer sen

Kurany okaman namaza durman
Niçiksi gezer sen boýnuñy burman
Ýüzüñden perdäñi gözüñden sürmäñ
Aýyrmaasañ kän kän boýlar görer sen

Niýetìñ päk bolup edeniñ ýagşy
Gezip bilseñ bolar edebiñ ýagşy
Gözellik hem edep bedeniñ nagşy
Niýetiñ deý ýagşy ķöýler görer sen

Käbä ýörip kylsam togaby hajy
Bolup bilsem arka mynasyp hojy
Eneñ atañ agañ ýegendir bajyñ
Yrza et behiştde toýlar görer sen

Bolup bilseñ Muhammediñ ymmaty
Berjaý ede bilseñ her bir sünneti
Ýöne edýän diýip etseñ minneti
Dar gabyrda içýan möýler görer sen

Her kime miýesser ajal şeraby
Içeñsoñ çykýandyr teniñ haraby
Resulberdi aby zemzen bulagy
Nesip etse jennet öýler görer sen

## Gesilmez eken

Elmydam Hak diýen ynsan balasy
Her ne bela gelse ezilmez eken

Hak salmasyn başa ynsan nalasyn
Salaýsa başyña gezilmez eken

Munda sabyrly bol Alla şükürli
Akylly paýhasly dana pikirli
Beýik Biribara bolsañ zikirli
Rähneti saýañda üzülmez eken

Bary bäş borjyñdyr bergin zekatyñ
Iman edip namaz bolsun rekatyñ
Rejep Orazadan gazanjak zatyñ
Hajynyñ ýolunda süzülmez eken

Ýagşyzadalardan çykmaz wagşylyk
Wagşylardan garaşmañlar ýagşylyk
Hersi öz ýolundan çekse nagşylyk
Hiç kes häsýetinden düzülmez eken

Her ne özüñ ogşatsañda alyma
Ogşadyber dönmeseñ bor zalyma
Dünýäñ ähli syry dürli ylyma
Sygmandyr bir sepe düzülmez eken

Resulberdi ussatdan tut halypa
Ussadyñ isleýşi deý meñze talyba
Patadan soñ özüñ salgyn galyba
Daşy berke hanjar gezelmez eken.

Batar gider

Bir günä şu gara başym
Gam laýyna batar gider
Biygtyýar gözde ýaşlam
Damjalanyp akar gider

Taşlap gitse mährem sona
Sygmarsyň ol kapas dona

Ýeteniňden sen üç ona
Bagt belki bakar gider

Toý tutulyp jenan gelip
Gözi gaşy keman gelip
Bir mähriban zenan gelip
Seni bagta atar gider

Çaga durmuşyň bezegi
Bagtdan senem al gezegi
Akdyrmanjyk ezenegi
Birdenkä bagt ýatar gider

Hemişlik ene ataň
Ýanyňda düzetmez hataň
Täzelense bir gün watan
Eneň ataň gatar gider

Gelip ahyrzaman güni
Soldurup şol näzik güli
Göterip çykarlar göni
Oba göçip hatar gider

Resulberdi senem baky
Dälsiň bil çagyrsa saky
Demiň sogrup jeset haky
Alyp ýere satar gider

## Söygüde meni

Ýa Ýaradan minnetdar men durmuşa
Sebäp gurşap aldy söýgüde meni
Kötel ýoldan çykardyň sen dyrmyşa
Goradyň gamlardan gaýgydan meni

Şükür enem atam mährem ojagym
Barka bolar ajabyndan ajabym

Doly mährim bilen gyzgyn gujagym
Gurşap alsyn ajap duýguda meni

Mährem bir ýanýoldaş eýjejik perzent
Bolsa ýeter maňa şeýle süýji bent
Şolar bilen bagtly eýlensin her kent
Mahrum etme şeýle söýgüte meni

Resulberdi soňum bolsun lälezar
Hiç kesime ýetirmäýin men azar
Garrygan çagymda mähriban nazar
Itip dursun bagtly aýgyda meni

## Ýaşasym gelýär

Undup gam gussany jebri jepany
Ýürekde nur bolup ýaşasym gelýär
Il günüme berip zowky sapany
Bagt bolup bagtda ýaşasym gelýär

Okap hem döredip döwre ylaýyk
Işläp gazansam bor halalja aýlyk
Yzymda galdyryp ýagş at halaýyk
Kalplara ornap ýaşasym geýär

Söýesim gelýär men gözel juwany
Doldurasym gelip boşan eýwany
Hany bar çaý getir diýip keýwany
Gerekligmi duýup ýaşasym gelýär

Çagalarym bolsa akylly başly
Sadadan paýhasly hünärli aşly
Diñe abraýdan gerdeni goşly
Bolsa ýeter diýip ýaşasym gelýär

Resulberdi dünýe agyr durmuş kyn
Daşy jäjek içi möjek etseñ syn

Ýanymda bolmasa maña bir ýakyn
Bu dünýäni baky taşlasym gelýär

## Aşyk magşuklar

Söýüň birek – biregi
Baglap goşa ýüregi
Bü durmuşyň bezegi
Gözel aşyk magşuklar

Yşkdan bagty tapaly
Bolup söýgä wepaly
Döwran sürüň sapaly
Munda aşyk magşuklar

Adyňyz dilde dessan
Ömrüňiz bagy – bossan
Süýjü arzuwlar beslär
Kalpda aşyk magşuklar

Ynsanyň jiger bendi
Göz guwanjy perzendi
Garranyňda söýenji
Bolsun aşyk – magşuklaň

Göresim gelýär

Gara gözli galam gaşly perizat
Klassdaşym seni göresim gelýär
Waspyň goşga salyp iberdigim hat
Klassdaşym seni göresim gelýär

Güle deňäp dakypdyrlar Gülsenem
Bäsleşeňde gülden görkanasyň sen
Sen unutma meni unutman menem
Klassdaşym seni göresim gelýär

Gara saçlaryňy şemal oýnardy
Seni görsem göwin joşup gaýnardy
Asyllydyň uly – kiçi haýrandy
Klassdaşym seni göresim gelýär

Ýalkym saçýan keşbiň gijäniň aýy
Ýylgyryşyň ähli gyzdan enaýy
Gara gözleň ýatladýandyr humaýy
Klassdaşym seni göresim gelýär

Baharlydan Aşgabadyň gözeli
Bir klasy gurarypdyk ozaly
Resulberdi saňa balap gazaly
Klassdaşym seni göresim gelýär

## Biwepa

Bu gowgany salyp başa
Ezip gözüm ganly ýaşa
Gitdiňle sen menden daşa
Uzak alysa

Gelejegme umyt baglap
Gezmänmiň ýüregmi awlap
Bu gün bolsa zaryn aglap
Ezdiň ýagyşa

Diýdiň men özgäniň bagty
Men diýdim şol bagtyň ýagty
Diýmediňmi bagtym ýatdy
Umydym ýok ýaşaýyşa

Şondan bäri güler ýüzüň
Görmän gelýän gara gözüň
Söýýän – söýýän diýen sözüm
Ýetdi nalyşa

## Öz obamyň lälesi

Söýdim ençe gyzlary çekdim eden näzlerin
Saýlapdym olaň içinden gözelleriň uzlaryn
Olara bagyş etdim gazallarym sazlarym

Owazyma gulak sal sen, men bir yşkyň dälisi

Ýüregimden söýenim sen, öz obamyň lälesi

Jemalyň on dördi gijäň Aýyndanam owadan

Meger seni nury bilen ýaradandyr Ýaradan

Ýüregime girip bilen gursagymda ýer eden

Seň şanyňa saýraýyn men teke türkmen balasy

Arzuwlarmy hasyl eýle diňsin ýürek nalasy

Bu dünýäde ahmyr çekip ençe gyzy söýdim men

Ilki söýdüm soňra köýdim ahyrynda doýdum men

Ýalançyda söýgü ýok diýp söýmegimi goýdum men

Ýene yşkym alowlady uçgunlarnyň ýanasy

Geldi durdy aşyk ýigdiň seň goýnuňda galasy

Otyrdyň joralaň bilen süýji söhbeti gurap

Men bolsa sahnada durdym gyzlara ogryn garap

Birden gözlem saňa düşdi soňra adyňy sorap

Bilen badym boşan gursak bolan ýaly dolasy

Sebäp munda gözel kändir ýokdur seniň ýalysy

Magtymguly Pyragy hem Görogly

Mert dogumly paýhasly we gaýratly

Magtymguly Pyragy hem Görogly

Öz döwründe watansöýüji şöhratly

Magtymguly Pyragy hem Görogly

Ogluna halaldyr atanyň kesbi

Nusga alarlykdyr pederleň keşbi

Daglaň arasynda agtaryp yşky[1]

Magtymguly Pyragy  hem Görogly

Ýurduň terk eýleýip Watandan göçme[2]

Nadan sözün tutup dostuňdan geçme

Diýen ahyr ýigit çagyňda öçme

Magtymguly Pyragy  hem Görogly

Pirlermizden alyp olar ak pata

Ýow güni gardaşym diýip Gyrata

Ýaradandan ýaradylan halatla

Magtymguly Pyragy  hem Görogly

---

Görogly dek dagdan daga ugrasam

Ýar Reb habar taparynmy ýar senden[1] (Magtymguly Pyragy "Ýar senden")

Ýurduň terk ediji bolma (Görogly şadessanynda)

Watany terk edip gidiji bolma[2] (Magtymguly Pyragy "Gidiji bolma")